TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TOPRAKDAN BOL HASYL ALMAGY BAŞARÝAN EDERMEN DAÝHANLARYMYZA HALAL ZÄHMETI BILEN BAÝAMAGY, ÇEKÝÄN ZÄHMETINIŇ HÖZIRINI GÖRÜP, ABADAN WE BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAGY ÜÇIN GELJEKDE-DE DÖWLETIMIZ TARAPYNDAN ÄHLI ŞERTLER DÖREDILER.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

27-nji fewral, 2026. Belgisi 9/1679




# OBA HOJALYK IŞLERI TALABALAÝYK ALNYP BARYLÝAR

*23-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.*

Ilki bilen, welaýatlaryň häkimleri dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Hasabatlarda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri, hususan-da, ekini goşmaça mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde meýdanlarda tekizleýiş, geriş çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri dowam edýär. Pagtaçy babadaýhanlary ýokary hilli tohum bilen üpjün etmek maksady bilen, gowaça çigidini taýýarlamak, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak boýunça zerur çäreler görülýär. Welaýatlarda ýazlyk ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ekişi dowam edip, ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwuny tutmak, beýleki azyklyk ekinleriň ekiljek ýerlerini we tohumyny taýýarlamak babatda degişli işler ýerine ýetirilýär. Şeýle hem häkimler şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, oba hojalyk pudagynyň öňünde durýan esasy wezipelere ünsi çekdi we welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda möwsümleýin işleriň agrotehniki talaplara laýyklykda geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalara laýyklykda, welaýatlarda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamak barada tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, möwsümleýin işleriň çäklerinde häzirki wagtda welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň pagta hasylynyň düýbüni tutmaga taýýarlyk görmek üçin gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş, geriş, çil çekmek hem-de ýuwuş suwuny tutmak işleri dowam etdirilýär. Pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumyny möwsüme taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Ilaty ýeralma, gökbakja, beýleki azyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatlarda bu ekinleriň ekişi guramaçylykly geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmäge ýardam edýän esasy pudaklaryň biri hökmünde oba hojalygynyň möhüm ähmiýetini belledi we wise-premýere pudagy döwrüň talabyna laýyklykda ösdürmek, önümçilige sanly tehnologiýalary, öňdebaryjy dünýä tejribesini ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin işleriň möhüm ähmiýetine ýene-de bir gezek ünsi çekdi we welaýatlaryň gowaça ekiljek ýerlerinde tekizlemek, çil we geriş çekmek, Daşoguz, Lebap welaýatlarynda ýuwuş suwuny tutmak işleriniň agrotehniki kadalara laýyklykda alnyp barylmagyny, pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi, oba hojalyk tehnikalarynyň ýazky ekiş möwsümine doly taýýar edilmegini, welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ideg etmek, goşmaça dökünleri bermek işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini hem-de bugdaý meýdanlarynda ösüş suwunyň tutulyşyna aýratyn üns bermegi tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz ýeralma, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişiniň agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli geçirilmegini, Daşoguz welaýatynda bu ekinleriň tohumynyň, ekiljek ýerleriniň möwsüme doly taýýar edilmegini, welaýatlaryň bugdaý we pagta öndürijileri bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmegi, sebitlerde gurulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda işleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegi üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

## «Mawy ýangyç» – gymmatly baýlyk



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumy uly ösüşlere beslenýär. Döwlet Baştutanymyz nebitgaz senagatynyň işgärlerine uly ynam bildirmek bilen, ulgamyň işini kämilleşdirmekde, döwrüň gazananlary esasynda ösdürmekde ähli mümkinçilikleri döredip berýär, önümçilik kuwwatlyklarynyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylmagyna, maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegine aýratyn ähmiýet berýär, şonuň netijesinde pudagyň öňünde möhüm wezipeleri kesgitleýär.** 3

## Suw – ýaşaýşyň çeşmesi



Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny gorap saklamak, suw gorlarymyzdan aýawly peýdalanmak babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Ata-babalarymyzyň suwy mukaddes hasaplap, berekediň sakasy hökmünde görmekleri ýöne ýerden däldir. Soňky ýyllarda suwy aýawly saklamak, tygşytly peýdalanmak tutuş dünýäde giň möçberli meseleleriň birine öwrüldi.

Häzirki wagtda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Meteorologik guramasy tarapyndan geçirilen barlaglara görä, Ýer şarynyň suw gorunyň, takmynan, 97,5 göterimi duzly, 2,5 göterimi bolsa süýji suw hasap edilýär. Şunuň bilen baglylykda, dünýä ýurtlarynda geljekde ilatyň suw üpjünçiliginiň kadaly bolmagy üçin tebigy suw baýlyklaryny örän tygşytly peýdalanmagyň öňdebaryjy usullary işlenilip taýýarlanylýar. 3

# ÝEWROPANYŇ MAÝA GOÝUM BANKY BILEN HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

*23-nji fewralda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde Aşgabada iş sapary bilen gelen Ýewropanyň maýa goýum bankynyň Aziýa, Merkezi Aziýa we Ýuwaş ummany sebiti boýunça departamentiniň başlygy Edwardas Bumsteinasyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşyk geçirildi.*

Duşuşykda Türkmenistanda amala aşyrylýan ykdysady ösüş strategiýasynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge, hususan-da, abraýly maliýe guramalary, bank-karz düzümleri bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmäge möhüm ähmiýet berilýändigi bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, geçen ýylyň aprelinde hormatly Prezidentimiziň Özbegistan Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň dowamynda Samarkant şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» birinji sammitiniň çäklerinde Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçysy bilen bolan duşuşygyna üns çekildi. Taraplar şu barada aýdyp, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ilerletmäge gyzyklanma bildirýändiklerini beýan etdiler.

Myhmanlaryň ýurdumyza bu saparynyň maksady Türkmenistan bilen Ýewropanyň maýa goýum bankynyň arasynda Çarçuwaly ylalaşygyň taslamasy boýunça jemleýji gepleşikleri geçirmekden ybaratdyr. Wekiliýet agzalarynyň Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde bolan duşuşygynda geçen ýylyň dowamynda hem-de şu ýyl ministrlik tarapyndan degişli ylalaşygyň taslamasyna birnäçe gezek garalandygy, taslama boýunça garaýyşlaryň beýan edilendigi nygtaldy we şu saparyň çäklerinde bu ylalaşygyň gutarnykly görnüşiniň ylalaşylmagyna umyt bildirildi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan üçin Ýewropanyň maýa goýum banky bilen hyzmatdaşlyk birnäçe ileri tutulýan ugurdan ybarat. Şolaryň biri ulag ulgamynda, mysal üçin, Hazarüsti ulag geçelgesini maliýeleşdirmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek bilen baglydyr. Hazarüsti ulag geçelgesiniň döredilmegi Merkezi Aziýa we Ýewropa döwletleriniň ulag boýunça arabaglanyşygyny has-da gowulandyrmaga mümkinçilik berer. Bulardan başga-da, häzirki wagtda SPECA maksatnamasynyň çäklerinde bu geçelgäni sanlylaşdyrmak babatda «Ýol kartasyny» durmuşa geçirmek boýunça işleriň amala aşyrylýandygy aýdyldy.

Ýewropanyň maýa goýum banky bilen hyzmatdaşlyk etmegiň ýene bir ugry sanly ulgamy öz içine alýar. Şunuň bilen baglylykda, Türk-



menistanyň döwlet syýasatynyň strategik ugry hökmünde sanly özgertmelere aýratyn ähmiýet berýändigi nygtaldy. Energetika, suw hojalygy ulgamlaryndaky taslamalar hem möhüm maýa goýum taslamalarydyr. Şoňa görä-de, duşuşykda energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meselelerine üns çekilip, Türkmenistanda bu ulgamy diwersifikasiýalaşdyrmak bilen bir hatarda, arassa, daşky gurşawa zyýansyz «ýaşyl» energetika boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylýandygy barada aýdyldy. Ýewropa banklarynyň ýurdumyzda amala aşyrylýan durnukly energetika taslamalaryna we täze başlangyçlara gatnaşmagy üçin uly mümkinçilikleri bar.

Türkmenistan oba hojalyk pudagyny ösdürmäge, hususan-da, suw serişdelerini tygşytly we rejeli peýdalanmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýewropanyň maýa goýum bankynyň suwaryş desgalarynyň gurluşygy, ýokary tehnologik enjamlary ornaşdyrmak boýunça degişli edaralar bilen hyzmatdaşlygynyň goldanylýandygy aýdyldy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan ägirt uly uglewodorod gorlaryna eýe bolup, çig maly we taýýar uglewodorod önümlerini işjeň eksport edýär. Bu babatda ileri tutulýan ugurlar uglewodorodlary öndürmek hem-de taýýar önüme öwürmek üçin gaýtadan işlemek boýunça taslamalardan ybaratdyr.

Duşuşygyň ahyrynda beýan edilen ugurlar boýunça Türkmenistan bilen Ýewropanyň maýa goýum bankynyň arasynda geljekde netijeli hyzmatdaşlygyň alnyp barljakdygyna ynam bildirildi.

## Türkmen edebiýatynda behişdi bedewleriň waspy



**Taryhy bäş müň ýyldan hem aňyrdan gaýdýan türkmen halky owadan, ýyndam atlary bilen ähli döwürlerde-de meşhurlyk gazanypdyr. Müňýyllyklaryň dowamynda türkmen atşynaslary owadanlygy we ýyndamlygy bilen dünýä halklaryny haýrana goýýan dal bedewleri ýetişdirip, olaryň tohum arassalygyny saklap, barha kämilleşdirip, nesilden-nesle ýetiripdirler.**

**Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplarynda behişdi bedewlerimiz barada gymmatly maglumatlar berilýär.** 3

**Ekologiýa reýtinginde birinji boldy**
Norwegiýanyň paýtagty Oslo Beýik Britaniýanyň iň uly kruiz kompaniýasy bolan «Iglu Cruise» tarapyndan düzülen dünýäniň iň «ýaşyl» şäherleriniň halkara reýtinginde birinji orny eýeledi. 4

**Kyn tebigy şertleri bolan ýaşaýyş merkezleri**
Iýmit we ýaşaýyş jaýy adamzat durmuşy üçin gerek bolan ilkinji zerurlyklar hasaplanýar. Adamlaryň ýaşaýan ýeri barada gürrüň gozgalanda, adaty ýaşaýyş öýi göz öňüňe gelýär. 5

**Çempionlar Ligasyndaky 16 toparyň 6-sy Angliýadan**
UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň jogap duşuşyklary geçirilip, 1/8 finala çykan klublaryň ählisi belli boldy. Pleý-off duşuşyklarynyň netijesinde, 38 ýyldan soň bir norweg kluby 1/8 finalda oýnar. 7

**Taryhy üstünliklere beslenen Olimpiýa oýunlary tamamlandy**
Halkara sport çäresi bolan Milan-Kortina 2026 gyşky Olimpiýa oýunlary tolgundyryjy, haýran galdyryjy ýapylyş dabarasy bilen tamamlandy. 8

## Robotlaryň sazlaşykly tansy

Bahar baýramynyň çäklerinde Hytaýyň paýtagty Pekindäki Asman ybadathanasynyň öňündäki meýdançada 50 sany robotyň görkezme çykyşy boldy. Taryhy ýadygärlikleriň golaýynda geçirilen çykyşlarda robotlar söweş sungatyna degişli hereketleri sazlaşykly ýerine ýetirdiler. Robotlaryň bir wagtda türgenlere mahsus çeýelik bilen hereket edip bilmegi bu tehnologiýanyň näderejede ösendigini görkezýär. Bu robotlar diwara hem dyrmaşyp bilýärler.



Uly bolmadyk robotlaryň çykyşy geçen ýyl hem bolupdy. Bir ýyl ozal bu robotlar diňe ýaglygy galgadyp, tans edipdiler. 150 sekuntlyk çykyş göni ýaýlym arkaly millionlarça tomaşaça ýetirilip, uly gyzyklanma döretdi.

**Aýjemal ATAJYKOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Gurbannazar Ezizow adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# DÖWLET BAŞTUTANYMYZYŇ KITAPLARY – ÖSÜŞLERIŇ BEÝANY

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly ýurdumyzyň döwletlilik ýörelgelerini, milli gymmatlyklaryny we ösüş ýolunyň ähmiýetini giňden açyp görkezmekde uly ähmiýete eýedir. Häzirki döwürde ýurdumyzyň döwlet syýasaty täze ösüş tapgyryna gadam basdy. Bu ösüşleriň nazary hem-de mazmun taýdan esaslandyrylmagynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň aýratyn orny bardyr. Döwlet Baştutanymyzyň eserleri diňe bir syýasy pikirleriň beýany bolman, eýsem, ýurdumyzyň geljekki ösüş ugurlaryny görkezýär.

Bu ajaýyp kitaplarda Garaşsyzlyk, baky Bitaraplyk, milli agzybirlik we ykdysady ösüş ýaly möhüm düşünjeler giňden açylyp görkezilýär. Olar döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň maksadyny, ileri tutulýan ugurlaryny hem-de halkyň bähbitlerine gönükdirilen özgertmeleriň many-mazmunyny düşündirýär. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň kitaplarynda milli gymmatlyklarymyza, taryhy mirasymyza we medeni däplerimize uly ähmiýet berilýär. Bu ýagdaý ýaş nesillerde watansöýüjilik, döwletlilige hormat hem-de milli buýsanç duýgularyny ösdürmekde möhüm orun eýeleýär. Kitaplar jemgyýetiň ruhy taýdan kämilleşmegine, ahlak ýörelgeleriniň berkemegine ýardam berýär.




«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly ýurdumyzyň ösüşleriniň we parahatçylyk syýasatynyň dabaralanýan döwrüdigini görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň eserleri bolsa şol ýörelgeleri ylmy, taryhy we medeni taýdan esaslandyryp, halkymyzyň ruhy dünýäsi bilen döwlet syýasatynyň arasynda berk baglanyşyk döredýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» hem-de «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet», «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaplary ýaşlarda hem-de türkmen ylmy jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi. Bu kitaplar halkymyzyň, esasan hem, ýaşlaryň ýankitabyna öwrüldi.

«Ýaşlar – Watanyň daýanjy» eseriniň her bir jümlesi ýaşlarymyz üçin ýol-ýörelge, durmuşyň her bir pursadynda çelgi bolup, Watana, halka hyzmat etmegiň, kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmegiň beýik nusgasyny salgy berýär. «Watanymyzyň geljegi ýaşlarymyz bilendir. Olar ata Watanymyza, halkymyza wepaly, ata-babalarymyzyň döwletlilik we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerýän, zähmetsöýer, watansöýüji, päk ahlakly ýaşlar bolmalydyr. Şeýle belent adamkärçilik sypatlary bilen Watanymyzyň, türkmen halkynyň dünýädäki abraý-mertebesini has-da belende götermelidirler» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz kitabynda nygtaýar.

**Miwe ATAÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Syýasy-jemgyýetçilik edebiýatlary bölüminiň müdiri.*

## Iň beýigi boldy



Gurluşygy 144 ýyldan bäri dowam edýän Barselonadaky taryhy Sagrada Familia bazilikasy dünýäniň iň uly buthanasy boldy. Ymaratyň depesine Isa diňiniň oturdylmagy bilen binanyň beýikligi 172,5 metre ýetdi. Mundan ozal Germaniýadaky belentligi 162 metre ýetýän Ulm Kafedraly dünýäniň iň beýik ybadathanasy hasaplanýardy. Şu ýylyň 10-njy iýunynda binanyň resmi açylyş dabarasy bolar. Emma gurluşygyň 2034-nji ýyla çenli dowam etmegine garaşylýar.

Bina örän çylşyrymly bolup, toplumyň jemi 18 diňi bar. Ol ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynda orun alýar.

1882-nji ýylda gurluşygyna başlanan ymaratyň binagäri Antoni Gaudi bu binany gurup gutarmanka, ýagny 1926-njy ýylda aradan çykýar.

Tamamlanmadyk binany görmek üçin her ýyl millionlarça myhman Barselona barýar. Şu ýyl Barselona ÝUNESKO-nyň Bütindünýä binagärlik paýtagty saýlandy. Şäherde Halkara Binagärler Bileleşiginiň (UIA) maslahaty geçiriler.

**Laçyn ORAZOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Elektroulaga isleg ýokarlanýar

Ýewropada geçen ýylyň soňky alty hemde şu ýylyň birinji aýynda elektroulaglara bolan isleg artmagyny dowam etdirdi. 2025-nji ýylyň soňky aýynda sebitde ilkinji gezek elektroulaglaryň satuwy benzinli ulaglaryňkydan öňe geçipdir. Ýanwar aýynda ulaglara bolan isleg birneme pese gaçan hem bolsa, elektroulaglara isleg artmagyny dowam etdiripdir. Ýewropa awtoulag öndürijileri bileleşiginiň maglumatyna görä, geçen aý sebitde täze ulag satuwy 3,5% azalyp, 961 müň 382 bolupdyr. Dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň satuwy bolsa, 14% ýokarlanypdyr. Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa we Fransiýa ýaly ýurtlardaky artyş 24-52% aralygynda bolupdyr.



Geçen ýyl Ýewropada satylan awtoulaglaryň 22 göterimi diňe Germaniýada ýerlenipdir.

**Güljemal AKMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# ZENANLAR – JEMGYÝETIMIZIŇ BEZEGI

Türkmen jemgyýetinde zenana goýulýan sarpa aýratyn belentdir. Ene mukaddeslik, mähir we ýylylyk çeşmesi hökmünde kabul edilýär. Maşgala ojagynyň abadanlygy, çagalaryň terbiýesi, milli däp-dessurlaryň dowam etdirilmegi köplenç zenanlaryň paýyna düşýär. Şonuň bilen bir wagtda häzirki döwürde türkmen zenanlary diňe bir öý-ojakda däl, eýsem, ylym-bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, ykdysadyýet we döwlet dolandyryşy ýaly ulgamlarda-da üstünlikli zähmet çekýärler.

Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzda dabaraly çäreler, baýramçylyk konsertleri, döredijilik duşuşyklary geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň adyndan aýal-gyzlarymyza pul sowgatlary gowşurylýar. Zähmetde tapawutlanan, jemgyýetçilik işlerinde iş-




jeňlik görkezýän zenanlar döwlet sylaglaryna we hormat hatlaryna mynasyp bolýar.

Bu bolsa zenanlaryň jemgyýetdäki işjeňliginiň, olaryň zähmetine goýulýan ýokary bahanyň aýdyň subutnamasydyr.

Halkara zenanlar güni diňe bir baýramçylyk däl, eýsem, zenan mertebesini belent tutmagyň, olaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmegiň wajypdygyny ýatladýan gündür. Zenanlaryň bagtyýar durmuşy, olaryň jemgyýetde giň mümkinçiliklere eýe bolmagy döwletiň durnukly ösüşiniň möhüm şerti bolup durýar.

Halkara zenanlar güni mynasybetli ähli enelerimizi, gelin-gyzlarymyzy tüýs ýürekden gutlap, olara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny we täze üstünlikleri arzuw edýäris.

**Atamyrat AŞYROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Aýwazowskiniň meşhur eseri satuwa çykaryldy

1-nji martda Moskwanyň auksion öýünde jemi bahasy 1 milliard rubla deň bolan Isaak Lewitanyň, Ilýa Repiniň, Walentin Serowyň, Owannes Aýwazowskiniň, Wiktor Wasnesowyň we XVIII-XX asyrlaryň beýleki rus ussatlarynyň eserleri satuwa çykarylar. Iň gymmat nyrhly eksponat Owannes Aýwazowskiniň «Krymda aýly gije» atly eseridir.



Satyljak eserleriň sanawyna ozal Tretýakow galereýasy derejesindäki sergilere gatnaşan hususy ýygyndylardaky eserler, şeýle hem atlary Russiýanyň taryhy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan şahslaryň kolleksiýalaryndan gymmatlyklar girizildi. Eserleriň arassa taryhy, seýrek tilsimleri we muzeý derejesindäki ähmiýeti ýygyndynyň umumy bahasynyň 1 milliard rubla ýetmegine sebäp boldy. Bilermenler bu ýygyndynyň iň naýbaşy eseri hökmünde Aýwazowskiniň 1861-nji ýylda çeken kartinasyny görkezýärler. Ölçegi ýarym metrden uly bolan suratyň bahasy 60 million rubl möçberinde kesgitlendi.

**Soltangül KAKABAÝEWA,**
*Daşoguz şäherindäki 12-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Roaming tölegi ýatyrylar

Ýewropa Bileleşigi Balkan ýurtlarynyň altysynda el telefonlarynda roaming tölegini ýatyrmagy meýilleşdirýär.

Häzirki wagtda agza ýurtlarda ýerli operatorlaryň abunaçylary beýleki ýurtlara gidende artykmaç töleg tölemeýärler.

Ýewropa Komissiýasy Albaniýa, Bosniýa-Gersogowina, Kosowa, Garadag, Demirgazyk Makedoniýa we Serbiýa ýurtlaryna hem şeýle ýeňilligi döretmegi teklip edýär. Teklip ilki Ýewropa Geňeşi tarapyndan tassyklanmaly. Soňra bolsa, her ýurt bilen aýratynlykda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirilmeli. Geçiriljek gepleşikler tamamlanandan soňra, agzalan ýurtlaryň raýatlary Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlara gidenlerinde, gepleşen wagty ulanan interneti hem-de SMS hyzmatlary üçin goşmaça töleg tölemeli bolmaz.



2023-nji ýyldan bäri bu ýurtlaryň mobil abunaçylaryna ýeňillik berilýär. Täze teklibiň durmuşa geçirilmegi netijesinde agza ýurtlar bilen Balkan döwletleriniň arasynda integrasiýa ýola goýlar. Bu bolsa, bileleşige doly agza bolmazdan, ýeke-täk bazar sebitine tapgyrlaýyn geçmäge mümkinçilik berer.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# PASYL ÇALŞYGYNDA KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK ÜÇIN MASLAHATLAR:




☑ Ýaz paslynyň şemally, ýagmyrly, salkyn we howanyň derejesiniň üýtgäp durmagyny nazara alyp, paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmeli.

☑ Bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybynyň ýokary bolmagyny gazanmak üçin sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmeli. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyp, ir säher bilen we agşamara arassa howada ýarym sagat pyýada ýöremeli.

☑ Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanmaly. Onuň üçin penjiräni wagtal-wagtal açyp, otagy ýelejiredip durmaly. Eliňizi elmydama arassa ýagdaýda saklamaly we ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwmaly. Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmeli.

☑ Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere we mikroelementlere baý ter gök önümleri we miweleri iýmeli.

☑ Ýiti iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriniň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän talaplary doly we dogry berjaý etmeli.

☑ Kömelek we gök önüm iýeniňizde arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmeli.

☑ Arassa agyz suwuny ýeterlik mukdarda içmeli.

☑ Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly. Özbaşdak derman serişdelerini, esasan hem, antibakterial derman serişdelerini ulanmaly däl. Sebäbi antibakteral derman serişdeleri wiruslara däl-de, bakteriýalara garşy ukyply bolýar. Olary özbaşdak ulanmak birnäçe gaýraüzülmelere getirip biler we bedeniň kesele garşy durnuklylygyny peselder.

☑ Ýaz paslynda tebigatda dürli mör-möjekleriň janlanýandygyny nazara alyp, olaryň çakmagyndan goranmaly.

☑ Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp öz wagtynda almaly.

☑ Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzda hereket edýän şypahanalarda öz saglygyňyzy berkitmeli.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Ösüş depgini ýokary boldy




Syýahatçylara ýatak jaý hyzmatyny hödürleýän «Booking Holdings» kompaniýasynyň girdejisi geçen ýyl 13 göterim artyp, 23 milliard ýewro çykypdyr. Kompaniýanyň arassa peýdasy bolsa, 8% peselipdir. Kompaniýa üstümizdäki ýylda hem 10 göterimden köp ösüşe garaşýar. Öz hususy jaýyny myhmanlara kärendesine bermäge dellalçylyk edýän kompaniýanyň müşderileriniň sany 2025-nji ýylda has-da artypdyr. Kompaniýa müşderilerine myhmanhanalardan we syýahatçylyk maksatly beýleki ýerlerden hem ýer belletmäge mümkinçilik hödürleýär. Müşderiler platformanyň üsti bilen jemi 1,2 milliard günlük ýer belledipdirler.

Kompaniýa şu ýylyň birinji çärýeginde müşderi sany babatda 5–7%, girdejide bolsa, 14–16% ösüşe garaşýar. Dünýäniň köp ýurdunda işleýän platforma müşderilerine 40 dilde hyzmat hödürleýär.

**Begenç MATEKOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap birleşmesiniň baş buhgalteri.*

## Internetiň çägini giňeltmek üçin hyzmatdaşlyk

«Microsoft» kompaniýasy aragatnaşyk çözgütlerini kämilleşdirmek üçin «Starlink» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Bu hyzmatdaşlyk «Starlink»-iň emeli hemra internetiniň mümkinçiliklerini «Microsoft»-yň «bulut» hyzmatlary bilen utgaşdyrmagy göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, uzak we çäkli internet baglanyşygy bolan sebitlerde ýokary tizlikli internet üpjün ediler.




Mundan ozal «Starlink» kompaniýasy «British Airways», «Flydubai», «Hawaiian Airlines» ýaly awiakompaniýalar bilen emeli aň internetini üpjün etmek babatda hyzmatdaşlygy ýola goýupdy. Şeýlelikde, agzalan awiakompaniýalaryň ýolagçylary uçarda barýarkalar ýokary tizlikli internet bilen üpjün edildi. Şeýle hem «Starlink» telekommunikasiýa infrastrukturasy üçin «SpaceX», hyzmat ediş çägini giňeltmek üçin «EchoStar», Hindistanda «Reliance Jio» we «Bharti Airtel» ýaly aragatnaşyk operatorlary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýupdy.




Ilon Maskyň eýeçilik edýän kompaniýasyna degişli bolan «Starlink» maksatnamasynyň çäklerinde Ýeriň aşaky orbitasyna ýerleşdirilen müňlerçe kiçi göwrümli emeli hemra dünýäniň köp ýerini ýokary tizlikli internet hyzmaty bilen üpjün edýär.

**Aýsona DAŇATAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Global şertnamalaryň bahasy artdy




«Bain & Company» kompaniýasynyň «Global hususy maýa» atly maglumatynda dünýäde amala aşyrylan şertnamalaryň bahasy barada maglumat berilýär. Maglumatda global derejede gol çekilen hususy pudaga degişli ylalaşyklaryň görnetin ýagdaýda gaýtadan artandygyny görmek bolýar. Satyn alyş geleşikleriniň gymmaty 44 göterim artyp, 904 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Şeýlelikde, bu ugurda 2021-nji ýyldaky rekorda golaýlaşylypdyr.

Maglumatda hususy kompaniýalaryň maýa goýum üçin bäsdeşliginiň ýokarlanandygy bellenildi.

**Öwezhan TÄÇMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 27-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118178
Belgisi: 9/1679
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!



# «Mawy ýangyç» – gymmatly baýlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň nebitgaz toplumyny 2026-njy ýylda döwrebap derejede ösdürmek, tebigy gazyň daşarky bazarlara iberilýän möçberini artdyrmak we ugurlaryny köpeltmek, nebit ýataklaryny netijeli özleşdirmek, nebitgaz pudagynyň kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny artdyrmak üçin döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak, «Galkynyş» gaz känini tapgyrlaýyn özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek ugrunda giň tagallalar edilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmakda, öýleriň ýylylygyny we ojaklaryň berekedi bolan «mawy ýangyjyň» bökdençsiz eltilmegini üpjün etmekde degişli hünärmenler ýadawsyz zähmet çekýärler.

Türkmenistan tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär. Ýurdumyzda «mawy ýangyjyň» diňe bir eksport edilmegi däl,



eýsem, iň alys obalara çenli ýetirilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda müňlerçe kilometre uzaýan gaz geçirijiler we gaz paýlaýjy desgalar halkymyza hyzmat edýär. 2025-nji ýylyň netijelerine görä, ýurdumyzda 76,5 milliard kub metrden gowrak tebigy gaz öndürildi. Bu görkeziji diňe bir ykdysady durnuklylygy däl, eýsem, her bir maşgalanyň gyşyň sowuk günlerinde ýylylyk bilen doly üpjün ediljekdiginiň kepilidir.

Umuman aýdylanda, tebigy gaz ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň binýady, ojaklaryň höziri we dünýä bazarynda uly islege eýe bolan gymmatly strategik baýlykdyr. Bu serişde ýurduň energetika howpsuzlygyny, durnukly ösüşini we halkyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýän ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmesidir.

Häzirki wagtda ýurdumyz dünýäniň iri nebitgaz kompaniýalary we abraýly maliýe düzümleri bilen işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly göni energiýa hyzmatdaşlygynyň gerimini düýpli giňeldýär. Şunda häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, milli ýangyç-energetika toplumyna iň täze ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary, innowasion tehnologiýalary we sanly ulgamlary işjeň ornaşdyrmak meselelerine aýratyn üns berilýär.

**Maral HOJAMYRADOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# SUW – ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Suwy gaýtadan peýdalanmak we suw baýlyklaryny netijeli ulanmagy ýola goýmak maksady bilen geçirilýän işleriň möçberi barha artýar. Bu çäreleriň ählisi bilen bir hatarda, suw baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak, olary hapalanmakdan gorap saklamak adamzadyň baş wezipesine öwrüldi.

Häzirki döwürde deňizleriň we derýalaryň suwuny süýjedip, agyz suwy we halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin peýdalanmak giň gerime eýe boldy. Bu ugurda döwrebap tehnologiýalar oýlanyp tapyldy. Soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň welaýatlarynda, etraplarynda, şäherlerinde, beýleki ilatly zolaklarynda suw süýjediji desgalaryň onlarçasy gurlup, ulanylmaga berildi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň halkymyz barada edýän aladasynyň aýdyň mysalydyr. Şeýle-de ýurdumyzyň Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmek ugrunda alyp barýan işleriniň bir bölegidir.

Türkmenistanyň suw bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça strategiýany yzygiderli durmuşa geçirýändigini we ýurdumyzyň halkara bileleşigiň dünýä ähmiýetli wezipeleriň çözgüdine gönükdirilen tagallalaryna mynasyp goşant goşýandygyny bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň suw diplomatiýasy ähmiýetli durmuş ulgamynda diňe bir uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini däl, eýsem, milli, öňdebaryjy iş tejribeleriniň işlenip taýýarlanylmagyny hem ugur edinýär. Bu ýörelgäniň tutuş adamzat üçin bähbitlidigi şübhesizdir.

Ýeterlik suw gorlarynyň döredilmegi Garagum sährasynda «Altyn asyr» Türkmen kölüni gurmak boýunça ýurdumyzda amala aşyrylýan deňi-taýy bolmadyk taslamanyň möhüm maksatlarynyň biridir. Bu köl daşky gurşawa oňyn täsirini ýetirýär we sähranyň biodürlüliginiň artmagyna, kölüň çäklerinde dürli görnüşli balyklaryň köpelmegine, akabalaryň kenarlarynda tokaýlyklaryň döremegine, künjegiň haýwanat dünýäsiniň baýlaşmagyna hem-de guşlaryň sanynyň artmagyna ýardam edýär. Şeýle-de kölüň akabalary Garagum sährasynyň howasynyň ýakymlylyk derejesine oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzda suw serişdelerinden, serhetüsti suwdan rejeli peýdalanmak meseleleri boýunça oňyn hyzmatdaşlyk ösdürilýär, bu ulgamda möhüm başlangyçlar öňe sürlüp,





halkara hukuk kadalarynyň berjaý edilmegine hem-de sebitiň ähli döwletleriniň bähbitleriniň doly hasaba alynmagyna uly üns berilýär. Diýarymyzyň dag eteklerindäki sebitlerinde sil suwlaryny ýygnamak üçin niýetlenen kiçi suw howdanlaryna hem uly üns berilýär. Munuň özi sil suw akymlarynyň ýetirýän zyýanynyň öňüni almaga, olaryň emele gelmegini öňünden duýdurmaga, toplanan suw serişdelerini ilatyň hojalyk zerurlyklary, ekin meýdanlaryny suwarmak, üzümçiligi ösdürmek hem-de agaç nahallarynyň zolaklaryny döretmek üçin peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

**Gurbansoltan HALMYRADOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# HALYPALYK ÝOLY

## Türkmenistanyň halk artisti Akmyrat Çaryýewiň sungat ussatlygy barada aýdanlary

– Türkmen bagşyçylyk ýoly gadymyýetden gözbaş alýar. Elbetde, ses ýazgylary ýazylmadyk ussat bagşylaryň, gör, näçesi gelip-geçendir. Olar täsin ussatlyklaryny özleri bilen alyp gidipdirler. Ýöne olaryň sygnan ýeke-täk mekdebi bolan, ol hem halypa-şägirtlik mekdebidir. Ana, şol mekdepde olar öz labzynyň äheňlerini, kämil usullaryny miras goýupdyrlar.

Türkmen bagşyçylyk sungaty dünýä derejeli kämil tejribäniň eýesidir. Şonuň üçin hem dutarda döredilen mukamlarynyň ählisi ebedilige eýedir. Şol mukamlar hemişe halkyň kalbynda ýaşaýar. Çünki halk ol mukamlary ýüreginiň süzgüjinden geçirip, doly ykrar etdi. Şunda bolsa halypa-şägirtlik mekdebi aýdym-sazyň altyn hazynasydyr. Şol ýerde onuň baý gory arzylanyp saklanylýar. Asyrlardan-asyrlara beýik ussatlar tarapyndan aýdymlardyr mukamlar kämil derejede dowam etdirilipdir. Şonuň bilen birlikde, ol aýdym-sazlar täze heň öwüşginlerine gurşalandyr. «Kämilligiň çägi ýok» diýilse-de, ol mukamlar beýik ussatlar tarapyndan aňrybaş kämilligiň çür depesine çykarylandyr. Mysal üçin, «Goňurbaş» mukamy ýaly mukamlara hiç bir üýtgewiň ýa-da goşundynyň zerurlygy ýok. Olar iň kämil mukamlar bolup durýar. Ana, mukamlaryň şeýle ýokary kämilligi beýik ussatlaryň guýmagursak zehininden döreýär. Biz bu babatda halkymyzyň iki ussat bagşysy Magtymguly Garlyýewiň hem-de Sahy Jepbarowyň goýan öçmejek yzlary hakynda söhbet etsek ýerine düşer.



Bir gezek halypa bagşy Sahy Jepbarow Çuwal bagşa:

– Çuwal halypa, «Ýar gyrmyzy geýnipdiri» aýdýan welin, heý, bir alamat duýulýarmy? – diýip, öz janyny barlapdyr. Sebäbi ýokary derejede aýdylan aýdyma ýokary bahany diňe Çuwal bagşy ýaly ägirtler berip biler. Olar aýdymyň heňini, çeküwini, «jukguldysyny» niresinde nähili ulanmagy eşiden dessine bilýärler. «Ýar gyrmyzy geýinipdiri» Çuwal bagşynyň ýokary ussatlyk bilen gaýtalanmajak derejede halkyň ykraryýetinde baky sungat hazynasyna öwrendigini hemmeler bilýär. Çuwal bagşy ýylgyrýar-da, şeýle diýýär:

– Sahy jan, muňa men baha berip bilmen, oňa halk baha bersin. Käte halkyň garaýşy ussat bagşynyň aýdanyndan hem ýokarda durýar. Ýöne ilden ozal özüm aýtmaly bolsa, onda sen asmanda ganat açyp, gaýyp ýören aýdym – owaz döredipsiň. Pessaýlap uçýan guş basym ýere gonýar. Seniň aýdymyň welin, öz ganatynda saklanyp bilýär. Al-asmanda saklanýar-da, pelpelläp, çar ýana uçup, ýeri peýleýär. Peýleýär-de, ynsan kalbyna gonýar. Ana, şol gonan ýeri hem onuň ömürlik menzil-mekany bolýar.

Halypa-şägirtlik ýolunda şägirdiň her bir sazy-heňi öz ýüreginden geçirmegi gerek. Saz hem at çapan ýaly bir zat. Ussat çapyksuwar atyň ýüregini, çapuwyny duýmagy başarmaly. Sazanda ýa-da bagşy dutary ele alanda, sapyndan berk tutmaly. Şonda dutar: «Şu-ýa meni belende göterjeg-ow» diýip ynanýar. Ana, bagşydyr sazanda şol ynamy ödemeli. Şony ödese, sungat ony ekleýärem, saklaýaram. Halypa gyjakçy Ata Ablyýewiň aýdyşy ýaly, dutar senedi çalýandan eýmenmeli. Eýmense, belent labyzly owazlar döräberýär. Şonuň bilen birlikde, aýdýan aýdymyň içine girmeli, dünýäsine berilmeli. Özüňi owaz ummanyna oklasaň, onsoň, özüňçe ýüzübermeli. Ony bolsa diňleýji açyk görüp bilýär. Mysal üçin, dessançy bagşy «Görogly» eposyndan dessan aýdanda, bagşy – aýdym-saz sungatynyň wekili, keşbine girende bolsa, teatr sahnasynyň ussady bolup, halkyň ruhy dünýäsinde galýar. Sebäbi köpdürli sungat köpdürli islegi, onda-da ýazylyp-ýaýrap diňlenilýän ýaýrawy emele getirýär. Sahy halypa: «Özüň özüňi diňläp lezzet almasaň, diňleýjem senden lezzet almaz» diýerdi. Bagşynyň aýdymdaky wakalara, hatda duýgulara gatnaşygy möhüm şertdir. Ol şol aýdymda ýaşaýan owaz, heň, mukam bolmalydyr.

Türkmen aýdym-saz sungaty beýik sungatdyr. Gahryman Arkadagymyz milli aýdym-saz sungatymyza beýiklik hökmünde ýokary baha berýär. Bu hakykat dünýä ykraryýetinde hakyky beýanyny tapdy. Dünýä aýdym-sazynyň bir ülşüne öwrülen milli bagşyçylyk sungatymyz adamzadyň mukamly kalbynda baky ýaňlanyp durandyr.

**Ýazga geçiren Akmyrat REJEBOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, dessançy bagşy.*

# DIL – BILIMLERIŇ AÇARY

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasaty netijesinde ähli ugurlar bilen bir hatarda, milli ylym-bilim ulgamyny ösdürmäge hem uly üns berilýär. Bu ulgamy dünýä derejesine laýyk döwrebaplaşdyrmagyň maksatnamalary giňden durmuşa ornaşdyrylýar. Hünärmenleriň başarnyklaryny ýokarlandyrmak, ýaşlary okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, sanly bilim ulgamyny ornaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar.

Dünýäniň iň täze tejribeleri bilen birlikde, ylymbilim ojaklarynda ylmyň soňky gazananlary öwrenilýär. Şonuň netijesinde hem ýurdumyz dünýäniň ylmy ösüşleri bilen aýakdaş barýar. Elbetde, dünýäniň ylmy edebiýatlaryny bilmek, okamak üçin dünýä dillerinden habarly bolmak gerek. Bu ugurda hem ýurdumyzda uly işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman dünýäsinde dil bilmek uly baýlykdyr. Ýurtlaryň arasynda ykdysady, medeni we ylmy gatnaşyklar günsaýyn artýar. Şeýle şertlerde daşary ýurt dillerini öwrenmek diňe bir zerurlyk däl, eýsem, şahsy ösüşiň möhüm bölegine öwrülýär.

Dil öwrenmek adamlaryň aragatnaşyk mümkinçiliklerini giňeldýär. Başga ýurtlaryň wekilleri bilen gürleşmek, olaryň pikirlerine düşünmek we öz pikiriňi beýan etmek jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ösdürýär. Dil päsgelçiligi aradan aýrylanda, dostluk we hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikler açylýar.

Ýurdumyzda daşary ýurt dillerine, şol sanda iňlis diline uly ähmiýet berilýär, ähli umumybilim berýän mekdeplerde iňlis dili öwredilýär, şol sanda beýleki dünýä dillerine ýöriteleşen mekdepler hereket edýär. Golaýda Gahryman Arkadagymyz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynda meşhur «Al-Arabiýa» teleýaýlymyna beren interwýusynda: «Ýurdumyzda gurlan «akylly» şäher bolan Arkadag şäherinde häzirki zaman bilim usullary we standartlary boýunça okadyljak, iňlis diline ýöriteleşdirilen mekdebi açmagy meýilleşdirýäris. Şunda esasy ünsi çekmeli zat bar: okuw prosesi ýaşlara ABŞ-nyň abraýly uniwersitetlerinde, ýagny Garwardda, Massaçusets tehnologiýa institutynda, Kolumbiýa uniwersitetinde okuwlaryny dowam etdirmäge mümkinçilik bermäge gönükdiriler» diýip belläp geçmegi ýaşlaryň ýurdumyzda alan kämil dil bilimi bilen dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilimlerini dowam etdirmäge giň mümkinçilik aljakdygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Alymlaryň bellemegine görä, täze dil öwrenmek beýniniň işjeňligini güýçlendirýär. Dil öwrenýän adam



maglumatlary has çalt kabul edýär, ýatkeşligi we pikirleniş ukyby ösýär. Bu bolsa diňe okuwda däl, gündelik durmuşda hem peýdalydyr. Mundan başga-da, birnäçe dil bilýän işgärler zähmet bazarynda has ýokary baha eýe bolýarlar. Halkara kompaniýalarda, syýahatçylyk, diplomatiýa we bilim ulgamynda işleýänler üçin daşary ýurt dilini bilmek esasy şertleriň biridir. Şeýle hem daşary ýurtlarda ýokary bilim almak isleýän ýaşlar üçin dil bilmek uly mümkinçilikleri döredýär.

Dil medeniýetiň açarydyr. Her bir halkyň dili onuň taryhyny, däp-dessuryny we ruhy gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Şonuň üçin daşary ýurt dilini öwrenmek arkaly diňe sözleri däl, şol halkyň dünýägaraýşyny hem öwrenýäris.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# DERDE DERMAN UNAŞ

Unaş türkmeniň milli tagamlarynyň arasynda naýbaşylarynyň biri hasaplanylýar. Bu tagamyň lukmançylykda hem ähmiýeti örän uly. 100 gram unaşyň umumy kaloriýalylygy 322-ä deňdir. Unaşyň düzümine girýän her bir önümi aýratynlykda alanyňda hem adam saglygy üçin peýdalydygyna göz ýetirmek mümkin.

Unaşa atylýan gyzyl ajy burç işdäni açýar, naharyň siňmegine we özleşmegine ýardam edýär, gany suwuklandyrýar, şeýle-de ýürek-damar kesselleriniň we täze döremeleriň öňüni alýar. Burçuň düzümine girýän flawonoidlere degişli bolan katehin, gesperetin, rutin we beýlekiler P witaminler toparyna degişli bolup, olar ownujak



gan damarlara, ýagny kapillýarlara berkidiji täsir edýär. Flawonoidler bagryň öýjüklerine oňat täsir edip, zeperlenen dokumalarynyň gaýtadan dikelmegine ýardam edýär, şeýle-de öt emele getiji we peşew bölüp çykaryjy täsiri hem bar. Gyzyl ajy burçuň düzümindäki kapsaisin adamyň tagam biliş reseptorlaryna täsir etmek bilen, endorfin gormonyny bölüp çykarýar. Bu gormona başgaça «bagtlylyk gormony» hem diýilýär. Ol adamda rahatlandyryjy, köşeşdiriji we kanagatlandyryjy duýgulary oýarýar.

Unaşa garylýan önümleriň ýene-de biri gatykdyr. Öý şertlerinde basyrylyp taýýarlanylan gatygyň peýdaly taraplary ýokarydyr. Gatykly unaş işdäňi açýar. Içegäniň işjeňligini gowulandyrýar. Gatygyň düzümine askorbin turşusy, A, PP, D, B topara degişli witaminler, şeýle-de, holin, beta-karotin girýär. Mundan başgada, düzüminde fosfor, kaliý, mis, hrom, kalsiý, kukurt, natriý ýaly mineral maddalar hem bolup, bedeniň agzalarynyň işjeňligini ýokarlandyrmakda, dürli kesellere garşy göreşmekde, bedeniň immunitetini galdyrmakda ähmiýetlidir.

Unaşdaky noýbanyň peýdasy hem örän uly. Kösüklilere degişli bolan noýbanyň düzüminde mineral maddalardan alýuminiý, bor, kaliý, kalsiý, magniý, mis, kükürt, fosfor we demir bar. Şeýle-de noýbanyň himiki düzümi B toparyna degişli bolan witaminlerden, E, K witaminlerinden, askorbin, foliý turşusyndan we adamyň sagdynlygyny saklamakda zerur bolan, bedende çalşylmaýan aminoturşulardan ybarat bolup, gandaky glýukozanyň derejesini peseldýär, ýürek-damar ulgamynyň kesselleriniň öňüni alýar, nerw ulgamynyň işini sazlaýar, alyş-çalşy durnuklaşdyrýar. Bedenden artykmaç suwuklygy bölüp çykarmaga ýardam edýär, suw-duz çalşygyny kadalaşdyrýar. Endokrin ulgamynyň işine, süňk dokumalaryna, deri, ýag we der bölüp çykaryş mäzleriniň işine oňaýly täsir edýär. Gan damarlarynyň diwarjyklarynda ýag bölejikleriniň toplanmagyndan goraýar. Noýbanyň mylaýym süýümleri iýmit siňdiriş hadysasyny ýokarlandyrýar we bedenden toksinleriň bölünip çykmagyna ýardam edýär.

Unaşyň düzümine girýän önümleriň ähmiýeti barada Gahryman Arkadagymyzyň «Bereketli türkmen saçagy» atly kitabynda şeýle beýan edilýär: «Elde taýýarlanan unaş hem berhiz naharlara degişlidir. Ony sowuklamada we dümewlemede iýýärler. Işdäniň ýok wagty gyzyl burç goşulan unaş iýilýär. Bu nahar hem derlediji serişde hasaplanýar».

Milli tagamymyz bolan unaşyň adam bedenini dürli sowuklama kesellerinden goramakda, bedeniň immunitetini ýokarlandyrmakda ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin möwsümleýin ýüze çykýan, esasan hem, howa-damja ýoly bilen geçýän kesellerden goranmak üçin, ilki hökman maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp, bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam berýän, milli tagamymyz bolan burçly hem noýbaly unaşy iýip durmagyňyzy maslahat berýäris.

**Maýa DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iýmit gigiýenasy kafedrasynyň müdiri.*

# AT GAZYGY KÜMÜŞDEN

Pederlerimiz toý gününde buýsanjyna öwrülen bedewlerine aýratyn üns berip, şaý-bezegler bilen bezäpdirler. Bedewlerimiziň gymmatly şaýlar bilen bezelmegi ata-babalarymyzyň çäksiz söýgüsinden nyşandyr. Ussat kümüşçiler at esbaplaryny bitewi çeperçilik usulynda nepislik bilen ýasapdyrlar. At esbaplary iki tapgyrda taýýarlanypdyr. Birinji tapgyrda gaýyş-çeki ussasy deriniň dürli görnüşlerini taýýarlapdyr. Ikinji tapgyrda gaýyş-çeki ussasy birnäçe kemeri, gaýyş bagy biri-birine berkidenden soň, zergärler tarapyndan gurnalan toplum altyn, kümüş we ýarym gymmat bahaly daşlar bilen bezelipdir.



Zergärler at şaýlaryny ýasanlarynda ýerligini sap kümüşden edip, ýüzüne altyn çaýypdyrlar, hakyk we pöwrize daşlaryny oturdypdyrlar.

Türkmenlerde atyň bezeg şaý esbaplarynyň toplumyna uýanyň görnüşleri, gözlük, boýunlyk, dogabagy, göwüsbent, kähalatda bezegli eýer bilen guşgun hem degişlidir.

At esbaplarynyň arasynda ýerine ýetirýän işi boýunça iň zerury uýandyr. Atyň uýan toplumyna kelleki, jylaw we agyzdyryk degişlidir. Kellekiniň gurluşy dürli uzynlykdaky inçe kemerlerden ybarat bolup, kiçiräk bäzbentler ýa-da bölüji halkalar bilen birleşdirilýär. Onuň kemerleri kümüş sytaralar, şelpeler we uçluklaryň (bezelen demrenler) düzümi bilen örtülipdir. Uçlugyň görnüşi gelşikli ýasalan peýkamy ýadyňa salýar. Jylawyň baglary deriden we ýüpekden taýýarlanypdyr.

Kellekiniň maňlaý bölegine bitewi deriden taýýarlanan gözlük bezegi berkidilipdir. Onuň aşaky bölegi gaýyşdan seçekli görnüşde bolup, ýokarky bölegi köplenç galyplanyp ýasalan ownujak şaýlaryň hatary bilen bezelipdir. Onuň merkezinde haşamlanyp altyn çaýylan we gaş oturdylan kümüşden şekil berkidilipdir. Gözlük atyň gözüni mör-möjekden goramak üçin dakylýar.

Atyň boýnuna dakylýan kemer – boýunlyk bolsa, diňe bezeg hökmünde ulanylypdyr. Boýunlyk üç sany kümüş gönüburçly gatlak we ownuk şaýlar bilen bezelýär. Olara kähalatda şelpeler ýa-da düwmejikler hem berkidilipdir. Uçluklar bilen tamamlanýan kemerjikleriň sany üçden sekize çenli ýetýär.

Türkmen bedewiniň ünsi has-da özüne çekýän esbaplarynyň biri-de göwüsbentdir. Ol ähli at esbaplarynyň arasynda iň gabaraly hem görnüklisidir. Göwüsbent iki ýan tarapa uzaýan inli gaýyş kemerlerden ybarat bolup, onuň merkezinde bäzbent ýerleşýär. Göwüsbendiň iň uly bezegi merkezdäki bäzbendiň arka tarapy açyk bolupdyr. Göwüsbendiň ýerine ýetirýän wezipesi at ýokarlygyna tarap ýörände ýa-da çarpaýa galanda eýeriň yza süýşmezligidir.

Atlaryň guşguny hem aýratyn bezelipdir. Ol atyň guýrugynyň aşagyndan geçirilip, eýeriň öň ýanyndan dakylýan, ýüzi birnäçe setir kümüş guşgözli, aşak sallanyp duran demir tokaly gaýyşdyr.

Atyň eýeriniň öňündäki tomarçagyna, şonuň ýaly-da eýeriň yzky ýarym aýlaw görnüşli gaşyna dürli hili kümüş gülmyhlaryň hatary düzülip bezelýär.

Türkmen ýigidiniň at münende hemişe ýanynda saklaýan gamçysy hem esasy esbaplaryň biri bolupdyr. Esasan, gamçynyň sapy bezelipdir. Kähalatda gamçynyň sapy sakgally umganyň şahyndan ýasalyp, onuň ýüzi ýuka kümüş bölejikleri ýa-da bitewi ýüzi haşamlanan kümüş gatlak bilen örtülipdir. Goşmaça ýarym gymmat bahaly daşlar bilen bezelip, örme zynjyrly düwmeler dakylypdyr.

Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde saklanýan at şaýlary geçen asyrlaryň taryhy şaýatlary bolmak bilen, biziň döwürdeşlerimize parasatly pederlerimiziň ösen senetçiligi bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär. Umuman, at bezegleriniň ählisine syn edenimizde behişdi bedewlerimiziň şeýle eý görlüp, bezelendigine göz ýetirmek bolýar.

**Akbike JUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň esasy hünärmeni.*

# TÜRKMEN EDEBIÝATYNDA BEHIŞDI BEDEWLERIŇ WASPY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gahryman Arkadagymyz «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda: «Bu dünýäde çapylýan bedew atlaryň ähli görnüşli tohumlarynyň, şol sanda arap, iňlis atlarynyň hem ahalteke bedewlerinden gelip çykandyklaryny tassyklaýan maglumatlar bar» diýip belleýär.

Ahalteke bedewleri türkmen edebiýatynda, şol sanda «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarynda, Magtymguly, Seýdi, Magrupy, Mollanepes we Mätäji ýaly nusgawy şahyrlaryň goşgularynda giňden wasp edilipdir.

Magtymguly Pyragy «Aty gerek» atly goşgusynda goç ýigidi bedew atsyz göz öňüne getirmeýär:

***At gazanar goç ýigidiň***
***Owal bedew aty gerek,***
***Gelene garşy çykmaga,***
***Ýagşy muhabbeti gerek.***

Seýdi «Üsti bedewiň» goşgusynda bedew aty hemmetaraplaýyn taryp edýär. Şahyr ata gowy seredip, eýer-esbabyny ýerbe-ýer edip münseň, onuň üstüniň Süleýmanyň tagtyndan kem däldigini şeýle taryp edýär:

***Münende şaý bolsa tükel esbaby,***
***Tagty - Süleýmandyr üsti bedewiň,***
***Jul eýleseň, atlaz ile zerbaby,***
***Şonda biarmandyr üsti bedewiň.***

Magrupynyň «Ýigide gaýratdyr bedew» diýen goşgusynda:

***Kakdyryp nalyn kümüşden,***
***Iýmiti dürli iýmişden.***
***Ýüwrüşi artykdyr guşdan,***
***Bahar öwsen batdyr bedew–***

diýip, bedewiň ýyndamlygyny bahar şemalyna meňzedýär.

Mollanepes «Bedew» atly goşgusynda:

***Käkilik deý ýorgalap, boz balaman deý bakyşyň,***
***Mislini destan edeý, misli jeren deý böküşiň.***
***Ýola düşseň, ýorgalaýşyň – käkilik deý sekişiň,***
***Ýoldaşa haýbat urar, üýşülse bedew –***

diýip, bedew atyň hereketlerini, çalasynlygyny käkilige, boz balamana, çarpaýa galşyny keýige meňzedýär.

Şu meselede Mätäji şahyr has hem öňe saýlanýar. Ol bedewiň daş sypatyny şeýle taryp edýär:

***Men şu gün waspyňny aýdaý turpa nyşanly bedew,***
***Zinkesi zerbapdan olgan, gyrmyzy jully bedew,***
***Segredip meýdana çyksa, üsti şemally bedew,***
***Şalara tarypy ýetgen, şahymar dilli bedew,***
***Bili syk, boýy deraz, sagrysy meýdanly bedew.***

Annagylyç Mätäjiniň «Bedew» diýen şygry türkmen atlary hakynda ýazylan ajaýyp eserleriň biri bolup, türkmen nusgawy şygryýetinde mynasyp orun eýeledi.

«Görogly» şadessanynda bedew ata ynsan häsiýetleri berilýär. Heniz taý wagtyndan Gyratyna Göroglynyň ünsi gidýär. Onuň özüne mynasyp bedew at bolup ýetişmegi barada arzuw edýär. Birkemsiz bejerip-besleýär, terbiýeleýär. Onuň yhlasy ýerine düşýär, Gyrat garaşylyşyndan hem gowy at bolup ýetişýär. Agyr söweşlerde agzyny hatap ýaly açyp, duşman üstüne topulmak bilen, Göroglynyň ýeňişlerine öz hemaýatyny ýetirýär. Kynçylykly ýagdaýlarda-da Göroglyny agyr howplardan halas edýär. Görogly çykgynsyz



ýagdaýa düşende, Gyratdan hemaýat isleýär. Gyrat onuň dadyna ýetişýärem. Mysal üçin, şadessanda şum kempir Gyraty ogurlap, ony syrdaşyndan jyda düşürýär. Ol aýralyk gerçek Görogla doganyndan aýrylan ýaly agyr düşýär, bedewi bilen geçilen gahrymançylykly ýollary ýatlap, şeýle diýýär:

***Dez berende, Aral çaýdan geçerdiň,***
***Köşk-galalaň üstaşyry uçardyň,***
***Jeňde aždarha deý agzyň açardyň,***
***Islegenim, soraganym, Gyratym!***

Şadessanyň meşhur halk aýdymyna öwrülen «Gyrat, meni Çandybile sen ýetir» diýen goşgusy Görogly agyr ýaraly bolup, ejir çeken wagty aýdylan namadyr. Görogly beg bu kynçylykly pursatda hem öz derdini Gyrat bilen paýlaşmak bilen:

***Çandybile az galypdyr aramyz,***
***Hakyň takdyryna nädir çärämiz,***
***On sekiz ýermizden düşdi ýaramyz,***
***Gyrat, meni Çandybile sen ýetir! –***

diýip, ondan haraý isleýär. «Gorkut ata» şadessanynyň «Baý Bugra beg ogly Bamsy Birek» boýunda Birek öz aty bilen sözleşýär. Ony taryp edýär. Ol atyna şeýle ýüzlenýär:

***Äri myrada ýetirer seniň arkajygyň,***
***At diýmezden saňa, gardaş diýerem,***
***Gardaşymdan ýeg,***
***Başyma iş geldi, ýoldaş diýerem,***
***Ýoldaşymdan ýeg.***

Halk döredijiliginde at öz eýesiniň diňe bir göwün göteriji ganaty bolmakdan daşgary, eýeleriniň her biriniň aýratynlykda we tutuş halkyň umumylykda ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryny kepillendirýän hemişelik hemrasy bolupdyr. «Oguznamada» Oguz hanyň gylbaraklylara garşy söweş wakalaryny, «Gorkut ata» şadessanynda her urugyň, taýpanyň ýa-da her bir adamyň mertebe derejesine görä reňkler bilen bellenen atlarynyň bolandygyny, «Görogly» şadessanynda bedew atlaryň gahrymanlaryň hereketleri, maksat-myratlary bilen berk arabaglanyşykda görkezilýändigini muňa mysal görkezmek bolar.

XX asyr türkmen edebiýatynda hem bedew atyň ençeme şowly keşpleri döredildi. Muňa B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynyň baş gahrymany Artyk Babalynyň alaşasyny mysal getirmek bolar. Artyk Babaly öz alaşasyny eý görýär, bakyp-bejerýär. Mysal üçin, söýgülisi Aýna elden gitjek bolanda, ony öz alaşasy bilen halas edýär. Alaşany ak patyşanyň nökerleri özleri münmek üçin elinden alanlarynda, Artyk Babaly juda gynanýar. Munuň özi türkmen jigidiniň at bilen bagrynyň badaşandygyny görkezýär.

Ussat ýazyjy Ata Gowşudow hem «Dordepel» powestinde owadan, düşbi, ýyndam ahalteke bedewiniň keşbini döretmegi başarypdyr. Onda halkymyzyň hasratly geçmişinde bedew atlaryň bitiren hyzmatlary çeper beýan edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe göz guwanjymyz bolan bedewlerimiz toý-baýramlaryň bezegine, ýaraşygyna öwrüldi. Her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde eziz Diýarymyzda Türkmen bedewiniň baýramy giňden bellenilýär. Arkadag şäherinde sebitde atçylyk we atly sport boýunça ýokary hünärmenleri taýýarlaýan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylmagy hem-de oňa şan-şöhraty dünýä dolan ahalteke bedewleriniň ugurbaşy nesillerini döreden meşhur halypa seýis, ussat atşynas Aba Annaýewiň adynyň dakylmagy ýurdumyzda halypa atşynaslara goýulýan belent sarpadan nyşandyr.

**Aýsona SERDAROWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabyndaky 17-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Prezident saýlawlary geljek ýyl geçiriler.** Gyrgyz Respublikasynyň Konstitusion kazyýetiniň kararyna laýyklykda, nobatdaky Prezident saýlawlary 2027-nji ýylyň 24-nji ýanwaryna meýilleşdirildi. Saýlawlar ýurtda hereket edýän kanunçylyk esasynda ýanwar aýynyň dördünji ýekşenbesinde amala aşyrylar.




**Dünýä rekordyny täzeledi.** Teýlor Swift 2025-nji ýylda IFPI tarapyndan altynjy gezek dünýäde albomlary iň köp satylan aýdymçy diýlip yglan edildi we taryhy rekord goýdy. Bu üstünlik aýdymçynyň «The Life of a Showgirl» albomynyň we global saparynyň uly meşhurlygy bilen gazanyldy. Reýtingde ondan soňra Stray Kids, Drake, The Weeknd we Bad Bunny ýaly dünýä ýyldyzlary orun aldy.



**Faros 3D-de.** Hünärmenler topary Müsüriň Faros adasynda ýerleşýän Aleksandriýa maýagyny 3D görnüşde dikeltmek üçin taslama başladylar. Arheologlar 7 gektar meýdandaky 80 tonnalyk suwasty harabalary fotogrammetriýa arkaly sanly nusga geçirýärler. Barlaglar bloklaryň palçyksyz, diňe gurşun gysgyçlar bilen birleşdirilip, 15 ýylda gurlandygyny we asyrlarboýy sarsman durandygyny subut etdi.



**Ýerde «Aý» taslamasy.** Kanadanyň «Moon World Resorts» kompaniýasy 312 metr beýiklikde dünýäniň iň uly şar görnüşli binasyny gurmagy meýilleşdirýär. Desganyň içinde 4 müň otagly myhmanhana we Aýyň üstüniň hakyka meňzedilen nusgasy dörediler. Bu äpet desganyň 2032-nji ýyla çenli BAE ýa-da ABŞ ýaly ýurtlaryň birinde açylmagyna garaşylýar. Taslama häzirki wagtda diňe bir pikir bolup, ol syýahatçylykda täze döwri açar.



**Iki ýüzli telewizor hödürlendi.** Hytaýyň «TPV Technology Group» kompaniýasy dünýäde ilkinji gezek iki tarapy hem ekranly bolan telewizoryny tanyşdyrdy. Bu enjam bir wagtyň özünde birnäçe adama, aýratyn-da oýun söýüjilere we döwlet edaralaryna niýetlenip döredildi. Bilermenler enjamyň otagyň ortasynda durmalydygy sebäpli, onuň iş ýüzünde ulanylyşyna şübheli garaýarlar. Premýum-klas enjamyň bahasy we satuw möhleti entek mälim edilmedi.



**Ýarganatlary goramak üçin gyzyl yşyk.** Ýewropa ýurtlarynda ýarganatlary goramak üçin adaty ak çyralar gyzyl reňkli LED lampalar bilen çalşylýar. Alymlaryň bellemegine görä, ýarganatlar gyzyl yşygy garaňkylyk hökmünde kabul edip, özlerini ýyrtyjylardan howpsuz duýýarlar we tebigy hereketlerini üýtgetmeýärler. Daniýada we Niderlandlarda ornaşdyrylan bu ulgam sürüjilere bökdençsiz ýol görkezmek bilen, tebigy deňagramlylygy saklaýar.



**Britaniýada simsiz energiýa synagy.** «National Grid» we «Space Solar» kompaniýalary elektrik energiýasyny mikrotolkunlar arkaly simsiz geçirmegi synag edýärler. Bu tehnologiýa çet sebitlere tok eltmegi çaltlandyrýar we tebigy heläkçiliklerde ätiýaçlyk çeşmesi bolup hyzmat edýär. Häzirlikçe ulgamyň peýdaly täsir koeffisiýenti pes (40-50%) bolup, onuň daşky gurşawa we saglyga täsirleri doly öwrenilýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1882-nji ýylyň 27-nji fewralynda Russiýa imperiýasynda raýatlaryň öýüne telefon gurnamaga we ulanmaga resmi taýdan rugsat berildi. Bu bolsa ýurtda aragatnaşygy ösdürmekde möhüm ädim boldy. Ondan öň telefon aragatnaşygy diňe döwlet edaralary we senagatçylar üçin elýeterli edilipdi. Şol ýyl Moskwa we Sankt-Peterburg şäherlerinde abonentlere hyzmat edýän ilkinji telefon stansiýalary işläp başlady.**



# HDB-niň liderligine täzeden saýlandy

**Germaniýanyň federal Kansleri Fridrih Mers Ştutgartda geçirilen Hristian-demokratik birleşiginiň (HDB) gurultaýynda partiýanyň başlyklygyna täzeden saýlandy. Ol delegatlaryň sesleriniň 91,17 göterimini aldy. Bu barada «Deutsche Welle» habar berýär.**



**Ses berişlige hasaba alnan 1001 wekiliň 977-si gatnaşdy. Mers üçin 878 wekil ses berdi, 85-si garşy çykdy, 14 wekil saklandy we HDB-de bellenen prosedura laýyklykda, olaryň býulletenleri güýçsüz diýlip ykrar edildi. Şunlukda, HDB-niň täzeden saýlanan lideriniň partiýadaşlarynyň arasyndaky goldaw derejesi durnukly ýokarylygy saklaýar: 2024-nji ýylyň maýynda geçirilen öňki gurultaýda ol sesleriň, takmynan, 90 göterimini alypdy.**

**Mers ilkinji gezek 2022-nji ýylda koronawirus pandemiýasy sebäpli onlaýn tertipde geçirilen partiýa gurultaýynda HDB-niň başlygy wezipesine saýlanypdy. Ol 2025-nji ýylyň 6-njy maýyndan bäri Germaniýanyň hökümetine ýolbaşçylyk edýär. Fridrih Mers Germaniýanyň 10-njy federal Kansleridir.**

# 200 milliard dollar maýa goýar

Hindistan maglumat merkezlerine 200 milliard amerikan dollaryna çenli maýa goýumlaryny çekmegi meýilleşdirip, emeli aň boýunça dünýä merkezine öwrülmäge ymtylýar. Elektronika we maglumat tehnologiýalary ministri Aşwini Waýşnaw ýurduň ösüşe gönükdirilen açyk we elýeterli



çözgütleri hödürlemek bilen, Global Günortanyň ýurtlary üçin emeli aň pudagynda ygtybarly hyzmatdaş hökmünde özüni görkezýändigini belledi.

Iň iri tehnologiýa kompaniýalary eýýäm Hindistanyň emeli aň infrastrukturasyna uly möçberli maýa goýumlaryny yglan etdiler. 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda «Google» kompaniýasy Andhra-Pradeş ştatynyň Wişakhapatnam şäherinde emeli aň merkezini döretmek üçin bäş ýylyň dowamynda 15 milliard amerikan dollary maýa goýmagy meýilleşdirýändigini habar berdi. Bu taslama 1 gigawatt kuwwatyndaky maglumat merkeziniň gurluşygyny, täze halkara suwasty kabelini we optiki-süýümli ulgamynyň giňeldilmegini öz içine alýar.

2025-nji ýylyň dekabrynda «Microsoft» kompaniýasy Aziýadaky iň iri maýa goýumyny yglan edip, dört ýylyň dowamynda Hindistanyň bulut we emeli aň infrastrukturasyny ösdürmäge 17,5 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýmagy meýilleşdirýändigini aýtdy. «Amazon» hem 2030-njy ýyla çenli öz biznesini giňeltmek we emeli aňa esaslanýan sanlylaşdyrmaga aýratyn üns bermek üçin ýurda 35 milliard amerikan dollary maýa goýmaga borçlandy.

Bu ösüşi goldamak üçin Hindistan 38 müňden gowrak grafiki prosessorly (GPU) umumy hasaplama merkezleri ýaly infrastrukturalary gurýar we maýa goýumlaryny çekmek üçin salgyt ýeňilliklerini hödürleýär. Ýurduň strategiýasy hindi dillerine we ýerli isleglere uýgunlaşdyrylan esasy emeli aň modellerini ösdürmegi, emeli aň ugrunda bilim bermegi we işgärleriň hünärini kämilleşdirmegi, şeýle hem innowasiýalary bökdemezden, töwekgelçilikleri kadalaşdyrýan syýasy çarçuwany döretmegi öz içine alýar.

Hindistan öz ösüş modelinde hemmetaraplaýynlygy we durnuklylygy öňe sürmek bilen, emeli aň babatynda dünýä ülňüleriniň kemala gelmeginde saldamly orun eýelemäge çalyşýar. Sebitdäki 5G ulgamynyň gerimi we ýaş ilatyň köplügi ýurtda emeli aňyň çalt ornaşmagyna ýardam edýär.



# Ekologiýa reýtinginde birinji boldy

**Norwegiýanyň paýtagty Oslo Beýik Britaniýanyň iň uly kruiz kompaniýasy bolan «Iglu Cruise» tarapyndan düzülen dünýäniň iň «ýaşyl» şäherleriniň halkara reýtinginde birinji orny eýeledi.**

**«Ýaşyl indeksi» düzmekde bagy-bossanlyklaryň paýy, jemgyýetçilik seýilgähleriniň sany we howanyň hili göz öňünde tutuldy. Şäher 77,3 bal almagy başardy. Bu görkeziji howanyň ýokary derejedäki tämizligi we ýaşaýjylaryň 95 göteriminiň «ýaşyl» zolaklara örän golaý aralykda ýaşaýandygy bilen şertlendirildi.**

**Ikinji orunda 72,3 bal bilen Wilnýus şäheri ýerleşdi. Litwanyň paýtagtynyň meýdanynyň 61 göterimi «ýaşyl» zolaklar üçin bölünip berlipdir, şeýle hem şäherde 1,5 müň kilometre golaý pyýada we welosiped ýollary bar.**

**Ilkinji onluga Helsinki, Wena, Kanberra, Sidneý, Stokgolm, Singapur, Reding we Mýunhen ýaly şäherler hem girdi.**

**Hünärmenler syýahatçylaryň tebigy syýahata bolan gyzyklanmasynyň artýandygyny we şäher durmuşy bilen tebigaty utgaşdyrýan ugurlary barha ýygy saýlaýandygyny belleýärler.**

**Norwegiýanyň syýahatçylyk pudagynyň wekilleri şeýle reýtingleriň Oslonyň ekologiýa taýdan arassa we durnukly şäher hökmündäki halkara abraýyny berkidýändigine ynanýarlar. Soňky ýyllarda paýtagtda syýahatçylyk akymynyň artmagy we myhmanhanalaryň dolulygy boýunça rekord görkezijiler hasaba alynýar.**

# Soňky 100 ýylyň ilkinji iri şäheri gurlar

ABŞ-nyň SOM we Awstraliýanyň «Hassell» binagärlik býurolary Awstraliýada soňky 100 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ilkinji gezek iri şäher gurmagyň uly göwrümli taslamasyny yglan etdiler.



Meýdany 114 gektara deň bolan «Bradfield Siti» (Giň meýdanly şäher) diýlip atlandyrylýan şäheri Sidneýiň günbatarynda, ýaňy-ýakynda gurluşygy tamamlanan we şu ýylyň güýzünde açylmagy meýilleşdirilýän Günbatar Sidneý Halkara howa menziliniň golaýynda gurmak göz öňünde tutulýar.

Binagärleriň pikiriçe, «Bradfield Siti» diňe bir ýaşaýyş merkezi bolman, eýsem, uniwersitet şäherçesi, seýilgähleri, işewürlik mähellesi we öz jemgyýetçilik durmuşy bolan gelejegiň kämil şäheri bolar. Taslamanyň awtorlary Sidneýiň işewürlik merkezinden, takmynan, 50 kilometr uzaklykda ýerleşjek bu şäheriň Täze Günbatar Uels ştatynyň paýtagtynyň iň gözel ýerine öwrülip biljekdigine ynanýarlar.

Taslama 10 müň ýaşaýyş öýüni, jemgyýetçilik ýerlerini we birnäçe iri merkezi binalary öz içine alýar. Gurulmaly esasy ýerleriň hatarynda uzynlygy iki kilometrden gowrak bolan «Green Loop» seýilgähi, şeýle hem meýdany 2 gektar bolan merkezi seýilgäh hem bar. Şäherde jemi dört sany iri jemgyýetçilik klasteri meýilleşdirilip, olaryň her biri özboluşly gurluşa we belli bir hyzmatlar toplumyna eýe bolar.

Taslamanyň awtorlary ekologiýa taýdan arassalyga we Awstraliýanyň ýerli halklarynyň däp-dessurlaryna hormat goýmaga aýratyn üns berdiler. Bu işde binagärlere «Djinjama» we «COLA Studio» studiýalary ýakyndan ýardam berdi. Geljekki şäher «Country» ýörelgesine esaslanyp gurulýar. Bu ýörelge ýere, suwa we asmana aýratyn mukaddeslik hökmünde garalmagyny aňladýar. Sebäbi bular Awstraliýanyň ýerli halklary üçin ýönekeý bir daşky gurşaw däl-de, eýsem, ruhy taýdan uly ähmiýete eýe bolan gymmatlyklardyr.

# Parlament saýlawlary geçiriler

Bolgariýada 19-njy aprelde möhletinden öňki saýlawlar geçiriler. Bu barada ýurduň Prezidenti Iliýana Ýotowa habar berdi we Premýer-ministr Andreý Gýurow tarapyndan hödürlenen wagtlaýyn hökümeti



bellemek barada perman çykarjakdygyny sözüniň üstüne goşdy.

Ýotowa degişli beýanaty A. Gýurowyň göni ýaýlymda görkezilen duşuşykda oňa wagtlaýyn hökümetiň düzümini hödürläninden soňra derrew mälim etdi.

– Men siziň wagtlaýyn Kabinetiňizi bellemek baradaky permana gol çekerin we Halk ýygnagynyň (parlamentiň) öňünde kasam kabul etmegiňize garaşaryn. Şeýle hem 2026-njy ýylyň 19-njy aprelinde parlament saýlawlaryny geçirmek barada perman çykararyn – diýip, I. Ýotowa A. Gýurowa ýüzlenip aýtdy.

– Iň möhüm wezipe ýurduň kanunçylygyna laýyklykda adalatly parlament saýlawlaryny taýýarlamakdyr – diýip, ol nygtady.

Ýotowanyň sözlerine görä, beýleki wezipeleriň hatarynda ýurduň öňünde duran energetika ulgamy hem-de çig mal harytlarynyň nyrhlarynyň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri ýeňip geçmek, şeýle hem Ýewropada milli bähbitleri goramak bar.

# Reşt-Astara ýolunyň gurluşygyna başlanýar

2026-njy ýylyň 1-nji aprelinde «Demirgazyk-Günorta» halkara ulag geçelgesiniň çäginde Reşt-Astara demir ýol şahasynyň gurluşygyna başlanar. TASS agentliginiň habar bermegine görä, bu barada Russiýanyň energetika ministri Sergeý



Siwilýow Russiýa bilen Eýranyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparyň mejlisinde mälim etdi.

Energetika ministri taraplaryň taslamanyň başladylmagyna päsgel berýän ähli meseleleri çözmegi başarandyklaryny habar berdi.

– «Demirgazyk-Günorta» geçelgesi diňe bir energetika geçelgesi däl, eýsem, ulag geçelgesidir. Reşt-Astara demir ýol şahasynyň gurluşygy hem şonuň bilen baglydyr. Biz ozal bar bolan ähli meseleleri, şol sanda ýerleri resmileşdirmek we ýeňillikleri almak ýaly işleri işläp düzdük. 1-nji aprelde Russiýadaky ulag hepdeliginde bu taslamanyň durmuşa geçirilip başlanmagy barada gutarnykly ylalaşygyň boljakdygyny aýtdyk – diýip, Siwilýow belledi.

Ministr gurluşygyň taýýarlyk işlerine gatnaşan hünärmenleriň işine ýokary baha berdi. 2023-nji ýylda Russiýa we Eýran «Demirgazyk-Günorta» taslamasynyň çäginde Eýran bilen Azerbaýjanyň arasyndaky Reşt-Astara ýolunyň 160 kilometrlik bölegini bilelikde gurmak barada ylalaşyga gol çekipdiler, bu bolsa Pars aýlagynyň portlaryna çenli üznüksiz gatnawy üpjün eder. Taslamanyň umumy bahasy 1,6 milliard ýewro barabar. Moskwa we Tähran taslama işlerini, gurluşygy, şeýle hem harytlaryň we hyzmatlaryň üpjün edilmegini bilelikde maliýeleşdirerler.

# Halkara ornuny berkitmekçi

HHR-iň Başlygy Si Szinpin Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň «Sýuşi» žurnaly üçin ýazan makalasynda ýuany dünýäniň ätiýaçlyk walýutasyna öwürmegiň zerurdygyny mälim etdi. Ol Hytaýa halkara




söwdasynda, maýa goýumlarynda, walýuta bazarlarynda «giňden ulanylyp bilinjek we ätiýaçlyk walýuta derejesine eýe boljak güýçli walýutanyň» gerekdigini belledi.

Si Szinpin ýurda serişdeleri netijeli dolandyrmaga ukyply «güýçli merkezi bankyň», dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyply maliýe institutlarynyň we «ählumumy kapitallary çekmäge hem-de dünýä nyrhlaryna täsir etmäge» ukyply halkara maliýe merkezleriniň gerekdigini belledi.

Hytaý lideriniň makalasy dünýä bazarlarynda näbelliligiň artýan döwründe çap edildi. Amerikan dollarynyň gowşamagy, Federal ätiýaçlyk ulgamynyň ýolbaşçylarynyň öňde duran çalşygy, şeýle hem geosyýasy we söwda dartgynlylygy dünýäniň merkezi banklaryny dollar aktiwlerine bolan garaşlylyk derejesine täzeden garamaga mejbur etdi. Halkara Pul Gaznasynyň maglumatlaryna görä, 2025-nji ýylyň üçünji çärýeginde ýuanyň dünýä ätiýaçlygyndaky paýy ähli walýutalaryň arasynda altynjy ýeri eýeläp, bary-ýogy 1,93%-e deň boldy. Dollaryň paýyna, takmynan, 57% (2000-nji ýyldaky 71% bilen deňeşdireniňde), ýewronyň paýyna bolsa, takmynan, 20% düşdi.



# Gämi gurluşygynda 16 ýyl bäri lider

Hytaýyň Senagat we maglumat tehnologiýalary ministrliginiň maglumatlaryna görä, Hytaýyň gämi gurluşyk senagaty halkara bazarynda üç sany esasy görkeziji boýunça yzygiderli 16 ýyl bäri öz liderligini saklady.

Edaranyň statistikasyna görä, görkezilen döwürde Hytaýda umumy agramy 53,69 million dedweýt-tonna bolan gämileriň gurluşygy tamamlandy. Bu bolsa geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 11,4 göterim köpdür we dünýädäki umumy möçberiň 56,1 göterimine deňdir.

Şol bir wagtyň özünde geçen ýyl ýurduň gämi gurluşyk pudagynda täze sargytlaryň möçberi 107,82 million dedweýt-tonna ýetdi, bu bolsa dünýädäki ähli täze sargytlaryň 69 göterimini düzýär.

2025-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyryndaky ýagdaýa görä, ýurduň bu pudagynda ýerine ýetirilýän sargytlaryň möçberi geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 31,5 göterim artyp, 274,42 million dedweýt-tonnany düzdi. Bu görkeziji global bazaryň umumy paýynyň 66,8 göterimine deň.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Kyn tebigy şertleri bolan ýaşaýyş merkezleri

**Iýmit we ýaşaýyş jaýy adamzat durmuşy üçin gerek bolan ilkinji zerurlyklar hasaplanýar. Adamlaryň ýaşaýan ýeri barada gürrüň gozgalanda, adaty ýaşaýyş öýi göz öňüne gelýär. Emma dünýäniň birnäçe ýerinde dürli tebigy şertlerde – sowukda, yssyda, dagyň depesinde, suwda... ýaşaýan adamlar hem bar. Daşyndan seredeniňde howply we mümkin bolmajak derejede görünýändigine garamazdan, ýaşaýjylar üçin bu adaty zat. Geliň, kyn tebigy şertleri bolan ýaşaýyş merkezleri bilen tanyş bolalyň!**

**Ponte-Wekko, Italiýa.** Arno derýasynyň üstünde ýerleşýän Ponte-Wekko Florensiýanyň iň meşhur köprüsi hasaplanýar. XIV asyrda gurlan bu köpri dürli maksatlar üçin ulanylyp gelnipdir. XX asyrda köpriniň üstünde söwda öýleri, naharhanalar we hyzmat ediş öýleri peýda bolup başlaýar. Häzirki wagtda köprüde söwda dükanlary bilen bir hatarda, ýaşaýyş jaýlarynyň bolmagy köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Ponte-Wekko ýurduň milli sungat binasy hasaplanýar.



**Kliff, Hytaý.** Hytaýyň günorta-günbataryndaky Siçuan welaýatynda ýerleşýän Kliff obasy gaýanyň üstünde we dagyň eteginde gurlan täsin binagärligi emele getirýär. Oba ýaşaýjylary gaýalaryň gyrasyndaky basgançaklardan ýöräp öýlerine barýarlar. Ýerden ýokary galyp gidýän agaç basgançaklar 2016-njy ýylda polat basgançakly ýodalar bilen çalşyrylýar.



**Çong Khneas, Kamboja.** Kambojanyň demirgazyk-günbataryndaky süýji suwly Tonlesap kölünde ýüzýän oba bar. 1997-nji ýylda ÝUNESKO tarapyndan biosfera goraghanasy hökmünde bellenen bu oba balykçylaryň mesgeni hasaplanýar. Berilýän maglumatlara görä, ýüzýän obanyň 5 müňden gowrak ýaşaýjysy bar. 3000 inedördül kilometr meýdany tutýan kölde 200-den gowrak balyk görnüşi ýaşaýar.



**Ýakutsk, Russiýa.** Arktik tegelegiň 450 kilometr günortasynda ýerleşýän Ýakutsk resmi taýdan dünýäniň iň sowuk şäheri hasaplanýar. Şäherdäki howanyň temperaturasy gyş aýlarynda ortaça -44 derejede saklanýar. Şäherdäki ýaşaýjylar gyşky möwsümde günüň 4 sagadyny işleýärler we galan wagty öýde bolýarlar. Ýakutskyň, takmynan, 300 müň ýaşaýjysy bolup, ilat dag-magdan käni bilen meşgullanýar. Şäherde awtoulag gatnawy seýrek bolup, ilat ýörite awtobuslardan peýdalanýar.





**Matmata, Tunis.** Demirgazyk Afrikanyň kiçijik şäheri bolan Matmata bu yklymyň iň gadymy we durky saklanyp galan binagärligi hasaplanýar. Matmata paýtagt şäher Tunisden 30 kilometr uzaklykda, Sahara çölüniň iň çetinde ýerleşýär. Bu ýerdäki jaýlaryň gurluşygynda agaç ýa-da daş ulanylman, toprak gatlaklary oýulyp ýasalypdyr. Jaýlaryň gapylary, penjiresi we basgançaklary hek bilen aklanypdyr. Şäheriň 4 müň töweregi ýaşaýjysy bolup, zeýtun ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýar. Matmata binagärliginiň «Ýyldyz söweşleri» (1970ý) filminde myhmanhana hökmünde suratlandyrylmagyndan soň, tutuş dünýä meşhur bolýar.

**Kober Pedi, Awstraliýa.** Günorta Awstraliýanyň demirgazygynda, çölüň içinde ýerleşýän Kober Pedi dünýäniň opal (gymmat baha daş, element) paýtagty hökmünde häsiýetlendirilýär. Kober Pediniň ýaşaýjylary yssy ýada sowuk howa şertlerinde ýerasty penjiresiz jaýlarda we gowaklarda ýaşaýarlar. Şeýlelik bilen olar howa şertiniň täsirlerinden goranýarlar. Şäherçäniň 2 müň ilaty bar.






# ÄLEMGOŞAR DAGLARY

**Ýer ýüzüniň dürli künjeginde görenleri haýran galdyrýan tebigy gözellikler sanardan köp. Owadan tebigaty bilen tapawutlanýan ýerleriň biri hem Perunyň älemgoşar daglarydyr. Alymlaryň bellemegine görä, Günorta Amerikanyň iň gözel ýerleriniň biri bolan reňkli gaýalar müňlerçe ýylyň dowamynda ýagnyň we ýeliň netijesinde emele gelipdir. 7 dürli reňkli mineral gatlakdan ybarat älemgoşar daglary 2015-nji ýylda syýahatçylyk pudagynda hökman baryp görmeli ýerleriň sanawyna girizildi. And daglarynyň bir bölegi bolan bu ýerde birnäçe tebigy täsinlikleri synlap bolýar. «Winikunka» reňkli dagy hem diýilýän älemgoşar dagyna her gün 1 müň 500 syýahatçy barýar. 2012-2015-nji ýyllar aralygynda dagyň üstündäki buzlar kem-kemden eräp azaldy. Häzirki wagtda älemgoşar dagynyň iň ýokarky nokadyny hem aýdyň synlap bolýar. Dag jynsynyň düzüminde köp mukdarda gyzyl demir oksidi, sary demir sulfidi we ýaşyl hlorit bardygy sebäpli, dürli reňkde ýaldyrap görünýär. Gyzgylt, sary, mämişi, altynsow, ýaşyl reňkler dagyň gerişlerinden zolak-zolak bolup geçýär. Älemgoşar daglary deňiz derejesinden 5 müň 200 metr belentlikde ýerleşýär. Daga çykylýan ýörite gezelenç ýodalary bar. Bu ýerde ýapgyt depelere çykmakda kynçylyk çekýänler üçin atlar hem kärendesine berilýär. Ýagny dagyň depesine pyýada däl-de, atly çykyp bolýar. Älemgoşar dagyna mart-noýabr aýlary aralygynda gezelenç etmäge rugsat berilýär. Kusko etrabyndan 62 kilometr uzaklykda ýerleşýän älemgoşar dagy Günüň dogýan we batyp gelýän wagty has owadan görünýär.**



**Perudaky älemgoşar daglaryndan başga-da, Hytaýda (gyzyl, sary, mämişi), ABŞ-da (sary, altynsow, gara, gyzyl), Argentinada (14 reňkli), Islandiýada (sary, gyzyl, gök) we Täze Zelandiýada (reňkli wulkan dagy) reňkli daglar bar.**

# El titremesiniň SEBÄPLERI

**Adamlaryň aglaba böleginde gündelik durmuş endiklerinde el titreme alamatlary duýlup bilýär. Bilermenler el titremesiniň stres, gorky, şatlyk, açlyk we suwsuzlyk, gandaky şekeriň peselmegi, uzak wagtlap ukusyzlyk, aşa ýadawlyk we aşa köp mukdarda kofe içmek ýaly gündelik faktorlar sebäpli ýüze çykýandygyny düşündirýärler. Nädogry iýmitlenmek, nerw ulgamyndaky näsazlyk, hereketsizlik we bedendäki agyrylar hem el titremesine sebäp bolup bilýär. El titremesi özbaşdak kesel däl, ýöne saglyk bilen bagly meseläniň alamaty bolup biler.**

**Nerw bozulmasy.** El titremesi nerw bozulmasynyň irki alamaty bolup biler. Şeýle ýagdaýda eliň titremegi adatça dynç alynýan wagtynda ýüze çykýar we hereket wagtynda azalýar.

**Metabolik bozulma.** Bedende alyş-çalşygyň çaltlanmagy, ýagny aşgazanyň iýmiti çalt siňdirmegi eliň titremegine sebäp bolup bilýär. Şeýle ýagdaýda bedeniň alyş-çalşygyny kadalaşdyrmak üçin gandaky şekeriň mukdaryna gözegçilik etmeli bolýar. Metabolik bozulmada eliň titremegi bilen birlikde, der basmak we eliňde agyrynyň peýda bolmagy ýaly alamatlar hem ýüze çykyp bilýär.

**Dermanlaryň goşmaça täsiri.** Bejergi alynýan halatlarynda käbir derman serişdeleri merkezi nerw ulgamyna täsir edip, eliň titremegine sebäp bolup bilýär. Lukmanyň gözegçiliginde dermanyň mukdaryny azaltmak ýa-da dermany üýtgetmek arkaly munuň täsirini azaldyp bolýar.

**Stres ýa-da howsala düşmek.** Garaşylmadyk habarlar ýa-da howsalaly ýagdaýlar nerw ulgamyna täsir edip, titreme alamatlaryny döredip bilýär. Strese ýa-da howsala düşen adamyň myşsalary dartylýar, dem alşy üýtgeýär. Bu bolsa eliň titremesine getirýär. Şeýle ýagdaýda özüňe erk etmäge çalyşmaly. Dem alyş maşkyny ýerine ýetirmeli.

**Genetik faktor.** Eliň titremegi nesilden-nesle geçýän, dünýäde iň köp ýaýran hereket bozulmalarynyň biridir. Ilkibaşda hat ýazmakda ýa-da çemçede nahar iýmekde kynçylyk çekmek bilen başlanýan bu ýagdaý soňra tutuş bedene öz täsirini ýetirip bilýär.



**Ýadawlyk we uky ýetmezçiligi.** Aşa köp işlemek we ýeterlik ukyňy almazlyk nerw ulgamynyň işine täsir edip, eliň titremegine sebäp bolýar.

**Kofeiniň mukdarynyň artmagy.** Kofein nerw ulgamyny işjeňleşdirýän maddadyr. Köp mukdarda kofe, çaý we energiýa berýän içgileri içmek el titremesini artdyryp bilýär. Şol sebäpli kofeinli içimlikleri aşa köp içmekden saklanmaly.

El titremesiniň ýygylygy adamyň ýaşyna we saglyk ýagdaýyna görä üýtgeýär. Bu alamatlar 60-65 ýaşdan uly adamlarda köp duş gelýär. Bilermenler eliň titreme alamatlarynyň islendik ýaşda ýüze çykyp bilýändigini belleýärler. Eliň adaty titreme alamatlary 40 ýaşdan ulularda has köp duş gelýär. Durmuş ýörelgesini üýtgetmek, maşk etmek, sport bilen meşgullanmak, arassa howada gezelenç etmek, melhem çaýlaryny içmek, gury ir-iýmişleri we magniý elementine baý iýmitleri köpräk iýmek, deňagramly iýmitlenmek, zyýanly endiklerden daşda durmak arkaly el titremesiniň öňüni alyp bolýar. Bilermenler el titremesi bolan adamlara meditasiýa maşklary bilen meşgullanmagy maslahat berýärler.

# Näme üçin Tibetiň üstünden uçar geçmeýär?

**Aziýanyň merkezinde ýerleşýän Tibet dünýäniň iň beýik sebitleriniň biridir. Bilermenleriň bellemegine görä, Hytaýyň bu sebitiniň üstünden täjirçilik uçarlary geçmeýär. Tibetiň esasy bölegini daglyklar we baýyrlyklar emele getirip, giň boşlukda Tibet platosy ýerleşýär. Geň tarapy, müňlerçe kilometre uzalyp gidýän bu meýdanda howa gatnawyny asla görüp bolmaýar. Eýsem, Tibetiň üstünden uçaryň geçmezligi gadaganmy ýa-da tebigy gurluş sebäplimi?!**

**Tibetiň geografik, howa we iş şertleri raýat awiakompaniýalary üçin uly howp döredýär. Ortaça beýikligi 4500 metre barabar bolan Tibet platosy dünýäde iň ýokarda ýerleşýän ilatly ýerleriň biridir. Bu beýiklikden ýolagçy uçarlarynyň geçmegi adatdan daşary howply ýagdaýlary döredip bilýär. Şol sebäpli howa ulaglary Tibetiň üstünden aýlanyp geçýärler.**

**Bu belentlikden geçmek uçaryň tehniki ýagdaýyna hem öz täsirini ýetirýär. Näçe ýokary galdygyňça howanyň dykyzlygy azalýar. Bu bolsa reaktiw hereketlendirijiniň netijeliligini peseldýär we uçuşy kynlaşdyrýar. Mundan başga-da, sebitde güýçli ýeliň bolmagy we howanyň birden üýtgemegi uçaryň aerodinamikasyna täsir edýär. Bularyň ählisi howa ulaglarynyň uçuşynda howply ýagdaýlary döredýär. Şol sebäpli howpsuzlygy we ätiýaçlandyryş çykdajylaryny azaltmak maksady bilen, uçarmanlar Tibetiň üstünden geçmeýär.**

**Hytaýyň awtonom sebiti bolan Tibetde 3,5 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Meýdany 1,5 million inedördül kilometre barabar bolan bu sebit deňiz derejesinden 4 müň metr belentlikde ýerleşýär. Bu ýerde howanyň ortaça temperaturasy gyşyna -4, tomsuna 14 derejede saklanýar. Tibetde 126 dürli mineral bolup, bor, uran, demir, hromit, altyn, mis, kömür we nebit ýaly ýerasty baýlyklara baý. Tibetiň merkezi şäheri Lhasa bolup, «Dünýäniň üçegi, Taňrylaryň ýeri» hasaplanýar. Bu sebit asyrlaryň dowamynda dindarlaryň ýaşaýan ýeri bolupdyr. Şol sebäpli depeleriň üstünde we kert gaýalarda gurlan gadymy ybadathanalaryň birnäçesini görmek bolýar. VII asyrda gurlan Jokang ybadathanasy sebitiň iň gadymy ýerleriniň biri hasaplanýar. Sebitiň iň owadan ýeri Potala köşgi bolup, ak daşdan gurlan 13 gatly binanyň beýikligi 115 metre ýetýär. Tibete her ýyl 60 milliondan gowrak syýahatçy barýar. Hytaýyň beýikde ýerleşýän sebitine awtoulagly ýa-da otly bilen baryp bolýar. Tibetde birnäçe howa menzili bolup, esasan, içerki gatnawlar amala aşyrylýar.**





# HOLI – reňkleriň baýramy



Baý medeniýeti we özboluşly däp-dessurlary bilen tanalýan Hindistanda milli äheňde hem-de halkara derejesinde birnäçe baýramçylyk festiwallary geçirilýär. Şolaryň biri hem Holidir. Holi festiwaly dünýäde «reňkleriň baýramy» hökmünde meşhurdyr. Hindi senenama aýy Phalguna görä, bu baýramçylyk Purnima agşamynda, ýagny dolan Aý güni başlanýar. Şu ýyl 4-nji martda bellenilýän Holi hindi medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan gadymy baýramlaryň biridir. Şatlykly ýagdaýda geçýän Holi festiwaly üçin aýal-gyzlar tarapyndan tebigy usulda alnan gury reňkler we suwa garylan boýaglar taýýarlanylýar. Köçeleriň ýüzüne abir we gulal reňkleri bilen dürli şekiller hem-de suratlar çekilýär. Festiwal güni maşgala agzalary üýşüp, matri, papri, papad we gujiýa ýaly süýjülikdir baýramçylyk tagamlaryny taýýarlaýarlar.

Çagalar üçin örän gyzykly ýagdaýda geçýän Holi baýramçylygynda hemmeler biri-biriniň üstüne dürli öwüşginli reňkleri sepýärler. Bu ýagdaý gyşyň gutaryp, ýazyň başlanandygyny alamatlandyrýar. Baýramçylyga başgaça «Rang Panchami» hem diýilýär. Hindileriň arasynda «Holi ynsanlaryň arasynda söýgi döredýär hem-de jemgyýetiň has-da ysnyşmagyna mümkinçilik berýär» diýen ynanç bar. Baýramçylyk güni öýke-kineli adamlar hem biri-birine reňk sepip, dostlukly ýagdaýda baýramçylyk belleýärler. Holi gelende tebigat al-elwan güllere beslenýär. Şol sebäpli Holi festiwalyna Hindistanyň käbir sebitinde Bahar baýramy hem diýilýär. Holi baýramy Nepalda hem uly dabara bilen bellenip geçilýär. Iki günlük baýramçylyk çäresi ABŞ, Beýik Britaniýa, Mawrikiý we Günorta Afrika Respublikasy ýaly hindileriň ýaşaýan ýurtlarynda hem bellenilýär.

# Çagalara aýakgaby nähili saýlamaly?

Kiçi ýaşly çagalar üçin aýakgaby dogry saýlamak esasy şertleriň biridir. Çagalar mydama ösüşde bolýar. Şol sebäpli olar üçin dogry aýakgap saýlamaga üns bermeli. Aýakgabyň ölçegi, ýumşak ýa-da gatylygy hem-de biçüwi çagalaryň aýagyndaky myşsalaryň we süňkleriň ösüşine täsir edýär. Çagalar üçin aýakgap saýlananda daban bilen basylýan böleginiň – ökjesiniň ýumşaklygyna üns bermeli. Aýakgabyň apgyrdy we daban bölegi ýumşak rezinden (kauçuk) bolmaly. Mundan başga-da, barmaklaryň dogry ösmegi üçin aýakgabyň ygtybarly ýapyklygyna hem-de barmaklary gysmaýandygyna göz ýetirmeli.

Çaga çalt ösýär. Mysal üçin, okuw ýylynyň başynda satyn alnan aýakgap ýyl tamamlanmanka, çaganyň aýagyna kiçi bolýar. Şeýle-de bolsa, okuw, sport ýa-da daşarda geýmek üçin satyn alnan aýakgap çaganyň aýagyna laýyk gelýän bolmaly. Geljek ýyl hem geýer diýen pikir bilen uly ölçegdäki aýakgap almak maslahat berilmeýär. Mundan başga-da, çaganyň aýagynyň gurluşyna hem üns bermeli. Käbir adamyň daraklygy inli bolýar. Şeýle ýagdaýda öň tarapy insiz aýakgap almak maslahat berilmeýär.

Bilermenler ata-enelere körpeler üçin artykmaç bezegi bolmadyk, ykjam aýakgaplary satyn almagy maslahat berýärler. Sebäbi ýazgylar, bezeg üçin dakylan şaýlar geýmek üçin oňaýsyz bolmak bilen bir hatarda, sapak wagtynda çaganyň ünsüni hem sowup bilýär.

Aýakgap alanyňda çaga hökman geýdirip görmeli hem-de aýagyna laýyk oturýandygyna göz ýetirmeli. Soňra ýakyn aralyga ýöredip, oňaýlymy ýa-da oňaýsyzdygyny soramaly. Şeýle ýagdaýda çaga özüni rahat duýýar. Bilermenler kiçi ýaşly çagalara matadan tikilen aýakgaplary uzak wagtlap geýdirmeli däldigini, aýak süňküniň kadaly ösmegi üçin ýumşak dabanly, rahat ökjeli ýa-da sport aýakgaplaryny saýlamagy maslahat berýärler.



**AÝAKGABYŇYZ GYSÝARMY?**

**Täze satyn alnan ýa-da uzak wagtlap duran aýakgaplar ilkinji gezek geýlende aýagyňy gysyp, uzakly gün rahatsyzlyk döredýär. Barmaklarda we aýagyň iki gapdalynda agyry peýda bolup, gabarçyklar döreýär. Aýakgabyň gysmagynyň esasy sebäbi önümçilikde ulanylýan berk materiallar we galyplardyr. Deriden, sintetik deriden ýa-da matadan tikilendigine garamazdan, ilkibaşda aýagyň tebigy ölçegine laýyk gelmeýän aýakgaby nädip giňeltmeli?!**

- Täze satyn alnan aýakgaby galyň joraply geýip, öýüň içinde gezmelemek köwşi giňeltmek üçin giňden ýaýran usullaryň biridir. Eger köwşüňiziň iki gapdaly gysýan bolsa, aýagyňyza geýeniňizden soň, saç guradyjy bilen ýyladyp, aýakgaby ýumşatmak arkaly hem giňeldip bilersiňiz.
- Aýak ölçeglerini (aýakgaba geýdirilýän plastmassa) ulanmak hem aýagyňyzyň gysylmagynyň öňüni almaga ýardam edýär. Söwda merkezlerinde ýa-da aýakgap dükanlarynda satylýan aýak ölçeglerini agşam aýakgaba geýdirip goýmaly. Eger aýak ölçeglerini tapmadyk halatyňyzda, matany, kagyzy ýa-da plastik torbalary düýrläp dykmak arkaly hem aýakgabyňyzy giňeldip bilersiňiz.
- Deriden tikilen gysýan aýakgaplar üçin ýörite spreýleri hem ulanyp bolýar. Spreý sepeniňden soň aýakgaby ýylyrak ýerde goýmaly.

# Sapaklara taýýarlanylanda ÜNS BERILMELI ZATLAR

**Her bir okuwçy mekdepde gowy netijeler gazanmak isleýär. Çagalaryň köpüsi mugallymlarynyň we ata-enesiniň öwgüsine mynasyp bolmak üçin köp wagtlap sapaklaryna taýýarlanýar. Emma özbaşdak täze bir zat öwrenmek üçin köp wagt sarp edendigine garamazdan, gowy netije alyp bilmeýär. Gündelik gaýtalanýan bu ýagdaý soňlugy bilen okuw sapaklaryna bolan höwesiň gaçmagyna getirýär. Eýsem, sapaklara taýýarlanylanda, wagty nähili peýdalanmaly, nädip gowy netije gazanmaly?! Munuň üçin sapaklara taýýarlanylanda käbir ýagdaýlara üns bermek we berjaý etmek ýeterlik.**

■ Sapaklara netijeli taýýarlanmak üçin ilki bilen öňüňde maksat goýmaly. Birbada birnäçe zady, gönükmeleri ýa-da mysallary ýerine ýetirjek bolmaly däl. Ähli zady birlikde ýerine ýetirmek soňlugy bilen höwesiňi gaçyrýar. Şol sebäpli sapaklardan berlen öý işlerini her gün yzygiderli ýerine ýetirmeli.

■ Sapaklara taýýarlanmak üçin ünsüňi sowmaýan, ýagty ýer (otag) saýlamaly. Maşgala bolup dynç alynýan otagda ýa-da aşhanada öý işlerine taýýarlanmakdan saklanmaly.

■ Öýe berlen ýumuşlardan ilki özüňe ýakyn bolan dersleri özleşdirip, soňra öwrenmekde kynçylyk çekýän sapaklaryňa has köp wagt sarp etmeli. Berlen ýumuşlary we temany birnäçe gezek gaýtalap



okamaly. Sapaklara taýýarlanylanda üns berilmeli esasy zat temany bolşy ýaly ýat tutmak däl-de, manysyna düşünip okamakdyr. Okuw sapaklaryny manysyna düşünip özleşdirmek uzak wagtlap ýatda saklamaga mümkinçilik berýär.

■ Öýde sapaklara taýýarlanylanda hem edil mekdepdäki ýaly oturgyçda oturyp, partanyň üstünde ýerine ýetirmeli. Bu siziň bedeniňiziň kadaly ösüşi üçin wajypdyr. Ýerde ýatyp kitap okamakdan ýa-da ýazmakdan saklanmaly.

■ Bellik etmek täze bir zady öwrenmek üçin iň peýdaly usullaryň biri hasaplanýar. Döwrebap tehnologiýalar, öwrenmegiň täze usullary peýda bolsa-da, ýazyp öwrenmek öz täsirliligini saklap galýar. Täze sözleriň manysyny öwrenmek, bilmeýän zadyňy ýazyp bellik etmek has netijeli öwrenmäge ýardam edýär.

■ Öýe berlen ýumuşlara taýýarlanýan wagtyňyz hem edil mekdepdäki ýaly arakesme etmeli. Uzak wagtlap stoluň başynda oturmak saglyga hem-de ünsüňi okuwa jemlemäge oňaýsyz täsir edip bilýär. Şol sebäpli mahal-mahal ýeriňden turup, gezmeläp, penjiräni açyp, arassa howadan dem almaly.

■ Gaýtalanýan zatlar adamyň höwesini gaçyrýar. Şol sebäpli sapaklara taýýarlanýan ýeriňizi üýtgedip durmaly. Mysal üçin, her gün şol bir ýerde kitap okamak siz üçin içgysgynç bolsa, daşarda, howluda, bagyň aşagynda ýa-da basgançaklarda oturyp hem kitap okap bilersiňiz.

■ Öýe berlen ýumuşlara taýýarlanýan wagtyň çalt ajygýandygyňyz sebäpli, miwe iýip ýa-da şerbet içip bilersiňiz. Ýöne tiz taýýar bolýan tagamlardan, şekerli iýmitlerden we gazlandyrylan içgilerden gaça durmaly.

Her bir zady wagtynda öwrenmegiň, sapaklary öz deňinde özleşdirmegiň aňsatdygyny ýadyňyzdan çykarmaň! Geçilen sapagy we berlen öý işini şol gün ýerine ýetirmek hem-de özleşdirmek has gowy netije gazanmaga ýardam edýär.

*Täsin miwe*

# OSMINOGA MEŇZEŞ MIWE

Täsin miweleriň sanawy dowam edýär. Ýaponiýada, Hytaýda we Hindistanyň demirgazyk-gündogar sebitinde ösdürilip ýetişdirilýän buşukan miwesi osminoga meňzeş daşky görnüşi bilen hemmeleri haýran galdyrýar. Barmaga meňzeş uzyn ösüntgileri bolan bu miwe ylmy dilde «Citrus medica var. sarcodactylis» diýlip atlandyrylýar.



Ata Watany Günorta-Gündogar Aziýa hasaplanýan bu miwe halk arasynda «Buddanyň eli» diýlip atlandyrylýar. Miwäniň uzynlygy 15-30 santimetre, agramy 450 grama çenli ýetýär. Taryhy maglumatlara görä, 300-nji ýylda täsin miwe Rime getirilipdir. Bilermenler osminoga meňzeş miwäniň şol döwürler iň gymmat miwe bolandygyny çaklaýarlar. Sebäbi beýleki sitrus miwelerinden tapawutlylykda, buşukanda süýüm we şire ýok, içki bölegi hem ajy däl. Bu bolsa, miwäniň tutuşlygyna iýlip bilinýändigini aňladýar.

Hoşboý ysly miwe çigligine iýilmek bilen bir hatarda, atyr ýasamakda, lukmançylykda we aşpezçilikde peýdalanylýar. Bu miweden meşhur süýjülikler, desertler, içgiler we marmelad taýýarlanylýar. Aziýa ýurtlarynda «Buddanyň eli» miwesi bagt we uzak ömür dilemegiň alamaty bolup, sowgat hökmünde berilýär. Maglumatlara görä, Gadymy Hytaýda adamlar bu miwäniň gabygyny ys beriji hökmünde ulanyp, ýuwlan egin-eşikleriniň arasyna goýupdyrlar.

Häziriki wagtda Gündogar Aziýadaky daýhanlar bu miwäni alty görnüşde tapawutlandyrýarlar. Sary miwe limon agajyna meňzeş gyrymsy agaçda bitýär. Ap-ak gül açýan bu agaç ýyly we çygly howada bitýär. Ekzotik miwe güýzüň ahyrynda ýa-da gyşyň başynda ýetişýär. Gyşda we ýazda bazarlarda elýeterli bolan buşukan barmaklar açylýan ýaly görnüşe gelýär.



# GALANTUS – baharyň buşlukçysy

**Bahar paslynyň golaýlamagy bilen ösümlikler janlanyp, agaçlar pyntyk ýaryp başlaýar. Käbir agaçlardyr güller, eýýäm gül açmak bilen bolýar. Adatça, Aziýa sebitinde badam, ýapon erigi we alça ilkinji gülleýän daragtlar bolup, bahar paslynyň gelendigini habar berýärler. Gyşyň soňky günlerinde garyň astyndan gögerip çykýan galantus güli bolsa, bahar paslynyň buşlukçysy hasaplanýar.**

Liliýalar maşgalasyna degişli galantusyň ýigrimiden gowrak görnüşi bar. Bir aý töweregi ömri bolan galantus mart aýynyň ahyrynda gurap başlaýar. Fewral aýynda gül açýan bu ösümlige başgaça «gar güli» hem diýilýär. Galantus garyň üstünde açylyp duran jaňjagaz şekilli ak gülleri bilen täsin we owadan görnüşi emele getirýär. Sogan şekilliler maşgalasyna degişli bolan gar güli üç baldak bolup gögerip çykýar we her baldakdan bir güljagaz açylýar. Ýapragy çigildeme çalym edýän galantus göräýmäge, plastmassadan ýasalan güle meňzeýär. Köp ýurtda bezeg ösümligi hökmünde ösdürilip ýetişdirilýän ak jaňjagazly gülleriň sogany her 5-6 ýyldan gaýtadan ekilýär. Sowuk howany we gary halaýan bu ösümligiň boýy 10-20 santimetre çenli ýetýär.

Ýewropanyň we Aziýanyň çygly ýerlerinde ösýän galantus şu ýyl 20-nji fewralda gül açdy. Köp halkyň ýerli däp-dessuryna we ynanjyna görä, gar güli umydyň, täzeden doglușyň hem-de durnuklylygyň nyşany hasaplanýar. Dag eteklerinde we baýyrlyklarda gögerýän «bahar buşlukçysynyň» güli, baldagy we köki halk lukmançylygynda peýdalanylýar. Ýewropada «umyt güli» diýlip atlandyrylýan galantus ýazyjylaryň we suratkeşleriň ylham çeşmesi hasaplanýar.

## 5 tapawudy tapyň!





## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat



## 12-nji KROSSWORD



**KESELIGINE:** **1.** Orta asyr iňlis halk balladalarynyň meşhur gahrymany. **4.** Süýji suwda ýaşaýan iň uly balyklaryň biri. **10.** Şwesiýanyň egin-eşik brendi. **11.** Taryhy we estetiki ähmiýeti bolan ýadygärlikleri saklamak hem-de olary jemgyýete görkezmek bilen meşgullanýan edara. **13.** Gadymy däpleriň biri. **15.** Bir zadyň garşysy, öň tarapy. **16.** Ispaniýanyň futbol topary «... Madrid». **17.** Germaniýada bir derýa. **18.** «Bahylyň bagy gögermez, gögerse-de ... bermez» (nakyl). **19.** Matanyň bir görnüşi. **21.** Ýazyjy-şahyrlaryň kabul edýän edebi ady. **23.** Geometrik şekil. **25.** Bir işi etmeklige ygtyýar, rugsat. **26.** «Soňky tüýkülik ... ezmez» (nakyl). **29.** Himiki element. **33.** Kerpiç bişirilýän ýörite peç. **34.** Bal (köne söz). **35.** Tutuş, lomaý. **36.** Tekstli we şol tekst boýunça doldurylmaga degişli grafirlenen kagyz. **37.** Oňaýly pursat, degerli wagt. **40.** Gyzdyrmak we bir zatdan gaty gorkmak zerarly dodaga çykýan suwly gabarçyk. **43.** Oýunda utulýan tarap. **46.** Çap önümi. **49.** Merkezinerwulgamynyňagzasy. **50.** Dynç almak üçin bellenilen möhlet. **52.** Öz islegi boýunça, mejbury däl. **54.** Ispaniýanyň bir şäheri. **57.** Dogry bolmadyk, gyşyk. **59.** Nemes awtoulag kysymy. **60.** Aýra, bile däl. **61.** Gadymky, taryhy. **62.** Hijri- kamary aý atlarynyň türkmenlerde atlandyrylyşy boýunça birinji aýynyň ady. **63.** Şygyr, aýdym. **64.** Günbatar Afrikada bir döwlet. **65.** Ýerde-suwda ýaşaýan ýyrtyjy jandar. **66.** Gymmat bahaly daş.

**DIKLIGINE:** **1.** Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy. **2.** Oglan ady. **3.** Suwuň tebigatdaky aýlanyşyny, ýerasty we ýerüsti suw serişdelerini, olaryň düzümini we häsiýetlerini öwrenýän hünärmen. **5.** Sungat akymynyň bir görnüşi. **6.** Ynsan. **7.** Taryhy tapyndylary öwreniji hünärmen. **8.** Oýnawajyň bir görnüşi. **9.** Finlýandiýanyň kommun şäheri. **10.** Harydyň bahasy. **11.** Fransiýanyň dynç alyş şäheri. **12.** «... sere – tohum ýere, mirap – suwa, kök – yzgara» (nakyl). **14.** Sena. **20.** Sahna oýunlary görkezilýän jaý. **22.** Suw, akaba. **24.** Maddanyň orta derejede okislenmegi. **26.** Gaşy, kirpigi reňklemek, garaltmak üçin boýag. **27.** Uzyn bolmadyk. **28.** Halk aýdymlarynyň biri «... Aýnam». **30.** Brazil ýazyjysy ... Jorji. **31.** Ýerlikli, dogry. **32.** Gök ýa-da ýaşyl reňkli gymmatbaha daş. **38.** Milli oýunlaryň biri. **39.** Dermanlyk ösümlik. **41.** Ýagdaý, maý. **42.** Gargalar maşgalasyndan bolan guş. **44.** Wodorod bilen birleşende suw emele getirýän reňksiz we yssyz gaz, himiki element. **45.** Birini ýa-da bir zady bir ýere ugradan, ýollan. **46.** Ynjalyksyz, birahat. **47.** Küýze ussasy, külal. **48.** Bir zada bagly bolan. **51.** Üzňe, bile bolmadyk. **53.** Dokmaçylyk guraly. **55.** Fransuz taryhçysy Wiktor Alfons ... **56.** Ýagyş, gar suwunyň yzgaryna, sil suwunyň baran ýerine ekilýän ekin. **58.** Gapy, girelge. **61.** Daşary ýurt gyz ady.

**Şamuhammet ATAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

11-nji krosswordyň jogaby:



7-nji skanwordyň jogaby:



## 8-nji SKANWORD






Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Çempionlar Ligasyndaky 16 toparyň 6-sy Angliýadan

**UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň jogap duşuşyklary geçirilip, 1/8 finala çykan klublaryň ählisi belli boldy. Pleý-off duşuşyklarynyň netijesinde, 38 ýyldan soň bir norweg kluby 1/8 finalda oýnar. Italýanlardan ýeke topar ýaryşy dowam etdirse, 16 toparyň 6-sy iňlis klublarydyr. «La Ligadan» 3, «Bundesligadan» 2 klub 1/8 finalda çykyş eder. Şol sanda Italiýadan, Türkiýeden, Portugaliýadyr Fransiýadan hem-de Norwegiýadan 1 topar 1/8 finala adyny ýazdyrdy.**

**1/8 finalyň bijeleri ertir çekiler. Duşuşyklar bolsa 10-11-nji hem-de 17-18-nji martda oýnalar.**

### «Bude-Glimt» topary wise-çempion «Interi» ýaryşdan çykardy

Tapgyryň hemmäni geň galdyran netijesi Milan şäherinde hasaba alyndy. Bu ýaryşyň 3 gezek çempiony, geçen möwsümiň finalçysy «Inter» toparyna Nor-



wegiýanyň garaşylmadyk topary «Bude-Glimti» öz meýdançasynda hem ýeňmek başartmady. Bir hepde öň Norwegiýada 3–1 hasabynda utulan «Inter» «San Siroda» hem ýeňlişe sezewar boldy. 2–0 hasabynda öňe saýlanan «Bude-Glimtiň» gollaryny 58-nji minutda Ýens Peter Hauge bilen 72-nji minutda Hakon Ewýen derweзä girizdi. Haugeniň 2020/21 möwsüminde «Interiň» köne bäsdeşi «Milanyň» düzüminde oýnandygyny hem bellemek gerek. «Interde» Bastoniniň 76-njy minutdaky goly ýeňşe ýetmedi. Şunlukda, taryhynda ilkinji gezek bu ýaryşa gatnaşýan «Bude-Glimt» topary 1/8 finala adyny ýazdyrdy. Norwegiýanyň wekili liga tapgyryny 23-nji orunda tamamlapdy. «Bude-Glimtiň» indiki garşydaşy «Mançester Siti» ýa-da «Sporting» bolar. Olar liga tapgyrynda «Mançester Sitini» 3–1 hasabynda ýeňipdiler. Şeýle-de, «Bude-Glimt» liga tapgyrynyň çäginde Madridde «Atletikodan» hem üstün çykypdylar. «Bude-Glimtden» öň Norwegiýanyň bir wekili 1988-nji ýylda 1/8 finalda oýnapdy.

Bakudan 6–1-lik ýeňiş bilen dolanan «Nýukasl» öz meýdançasynda-da «Garabagdan» kynlyk bilenem bolsa üstün çykmagy başardy. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Nýukaslyň» gollaryny 5-nji minutda Tonali, 6-njy minutda Joelington, 52-nji minutda Botman geçirdi. Myhman toparyň gollaryny 51-nji minutda Kamilo Duran bilen 57-nji minutda 1-nji oýunda-da gol geçiren Elwin Jafarguliýew 11 metrlik jerime urgusynda derwezeçiden gaýdan topy tora girizdi. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 12 gol derweзä girizilip, bu görkeziji ýaryşyň utulan-çykdy tapgyrlaryndaky iň ýokary 2-nji netije hökmünde hasaba alyndy.

Madridde ýerli «Atletiko» bilen Belgiýanyň «Klub Brýugge» toparlary duşuşdy. 1-nji oýun 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Çekeleşikli geçen oýunda ispanlar 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Ispan toparynyň gollarynyň 3-sini Aleksander Sörlot geçirip, ol oýnuň 23-nji, 76-njy hem-de 87-nji minutlarynda tapawutlandy. Madridlileriň beýleki golunу 48-nji minutda Kardoso geçirse, myhmanlaryň ýeke-täk pökgüsini 36-njy minutda Ordonýes öz adyna ýazdyrdy.



Myhmançylykda Patrik Şikiň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Baýer» topary öz meýdançasynda «Olimpiakos» bilen golsuz deňmedeň oýnady. Başgaça aýdylanda, lewerkuzenlilere 1-nji oýundaky ýeňiş 1/8 finala çykmak üçin ýeterlik boldy.

### «Liwerpuldan» soň «Atalanta»

Mundan 1 hepde öň öz meýdançasynda 2-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Borussiýa Dortmund» Italiýada «Atalantadan» asgyn gelip, ýaryşdan çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 1-nji ýarymda Skamakkanyň hem-de Zappakostanyň gollary bilen Germaniýadaky ýeňlişiň öwezini dolup, umumy hasaby deňledi.



2-nji ýarymyň başlarynda-da Paşaliç tapawutlanyp, artykmaçlyk italýan toparynyň tarapyna geçdi. Dortmundlylar oýnuň 75-nji minutynda Adeýeminiň goly bilen umumy hasaby deňleselerem, 90+8-nji minutda eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Samaržiç «Atalantany» 1/8 finala çykardy. «Atalanta» topary pleý-off oýunlarynda 1-nji duşuşykda 2 gol aratapawudy bilen utulybam ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanan 16-njy klub boldy. Ýaryşyň çäginde soňky gezek «Liwerpul» 2018/19 möwsüminde şeýle başarnyk görkezipdi. «Atalanta» ýaryşdaky ýeke-täk italýan topary bolup galdy.

Lissabondan Winisius Junioryň ýeke-täk goly bilen ýeňişli dolanan «Real» topary Madridde ýeňil bolmadyk pursatlary başdan geçirse-de, «Benfikadan» üstün çykmagyň hötdesinden geldi. Oýnuň 14-nji minutynda Rafa Silwanyň goly bilen portugallar öňe saýlansa-da, 2 minutdan soň Tçuameni hasaby deňledi. Duşuşygyň tamamlanmagyna 10 minut galanda-da, 1-nji oýnuň gahrymany Winisius Junior ýene bir ýola toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. «Real Madrid» taryhynda 3-nji





gezek «Benfikany» ýeňip, 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

Soňky çempion PSŽ pleý-offda ýene bir ýola fransuz klubuny ýaryşdan çykardy. Ýöne parižlilere bu gezek geçen möwsümdäki ýaly 1/8 finala çykmak ýeňil düşmedi. Myhmançylykda 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ jogap duşuşygynda deňme-deň oýnady. 45-nji minutda «Monako» Akliuçeniň goly esasynda hasaby açsa-da, 2-nji ýarymyň ilkinji 20 minutynda PSŽ Markinios hem-de Kwarasheliýanyň tapawutlanmagynda öňe saýlandy. Duşuşygyň 90+1-nji minutynda Tezeniň goly «Monako» toparyna 1/8 finala çykmak üçin ýeterlik bolmady. "Monako" topary bu duşuşygy-da 1-nji oýundaky ýaly 1 oýunçy kem tamamlady.

### «Galatasaraý» goşmaça wagtda ýaryşda galdy

Stambulda 5 gol geçirdip, şolaryň 2-siniň öwezini dolan «Ýuwentus» Turinde ýeňiş gazansa-da, olara ýaryşda galmak başartmady. 37-nji minutda Lokatelliniň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda öňe saýlanan «Ýuwentus» 2-nji ýarymyň başynda meýdançada 1 oýunçy kem galdy. 48-nji minutda Kelli gyzyl kart alyp, «Ýuwentus» soňky 4 duşuşygyň 3-sinde oýny 11 futbolçy bilen tamamlap bilmedi. Muňa garamazdan, ruhdan düşmedik turinliler 70-nji minutda Gattiniň, 82-nji minutda-da MakKenniniň gollary bilen 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňledi. Ýeňijini kesgitlemek üçin goşmaça 30 minut berlip, 105+1-nji minutda «Ýuwentusyň» tälimçisi Luçano Spallettiniň ozalky şägirdi Wiktor Osimhen umumy hasapda türk klubuny öňe geçirdi. Duşuşygyň 118-nji minutynda bolsa Baryş Ýylmaz oýna soňky nokady goýdy. «Galatasaraý» goşmaça wagtda geçiren gollary esasynda umumy netijede 7-5 öňe saýlanyp, 1/8 finala adyny ýazdyrdy.



*PLEÝ-OFFUŇ JOGAP OÝUNLARYNYŇ NETIJELERI:*

**INTER – BUDE-GLIMT: 1-2 (1-3)**
/Bastoni 76 – Hauge 58, Ewýen 72/

**NÝUKASL – GARABAG: 3-2 (6-1)**
/Tonali 5, Joelington 6, Botman 52 – Duran 51, Jafarguliýew 57/

**ATLETIKO – K. BRÝUGGE: 4-1 (3-3)**
/Sörlot 23, 76, 87, Kardoso 48 – Ordonýes 36/

**BAÝER – OLIMPIAKOS: 0-0 (2-0)**

**REAL MADRID – BENFIKA: 2-1 (1-0)**
/Tçuameni 16, Winisius Junior 80 – Rafa Silwa 14/

**ATALANTA – BORUSSIÝA D: 4-1 (0-2)**
/Skamakka 5, Zappakosta 45, Paşaliç 57, Samaržiç 90+8 p – Adeýemi 75/

**ÝUWENTUS – GALATASARAÝ: 3-2 g.w. (2-5)**
/Lokatelli 37 p, Gatti 70, MakKenni 82 – Osimhen 105+1, Baryş Ýylmaz 119/

**PSŽ – MONAKO: 2-2 (3-2)**
/Markinios 60, Kwarasheliýa 66 – Akliuçe 45, Teze 90+1/

# ŞU ÝYLA GEÇIP ÝEŇŞI ÝOK

**Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenal» Demirgazyk London derbisinde Igor Tudory tälimçilige bellän «Tottenhamy» 4–1 hasabynda utdy. Myhmanlaryň doly artykmaçlygynda geçen oýunda topçularyň gollaryny Ebereçi Eze (32, 61) bilen Wiktor Gýokoreş (47, 90+4) ikisi geçirdi. «Tottenham» topary çempionatda 2026-njy ýyla geçip, 1 gezek ýeňiş gazanyp görmedik ýeke-täk topar bolmagyny dowam etdirýär. Aratapawudy kem-kemden azaldyp gelýän «Mançester Siti» öz meýdançasynda ýaş oýunçysy Niko O'Roýliniň gollary bilen «Nýukasldan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. 3-nji ýerdäki «Aston Willa» öz meýdançasynda «Lids» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy. Londonda «Börnlini» kabul eden «Çelsi» Žoao Pedronyň ýeke-täk goly bilen öňde barýan oýnunda 90-njy minutdan soň gol geçirdip, ýeňşi elden giderdi. Soňky çempion «Liwerpul» myhmançylykda «Nottingam Forestden» Mak Allisteriň 90+7-nji minutda geçiren goly esasynda üstün çykyp, ýeňşini baýram etdi. «Liwerpul» APL-niň taryhynda 47-nji gezek 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda ýeňiş gazanmagy başardy. Maýkl Kerrigiň tälimçiliginde özüni dürsän «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Ewertony» Şeşkonyň 71-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňdi. «Brentford» — «Braýton» duşuşygynda myhman toparyň ýyldyzy Jeýms Milner «Premier Ligada» 654-nji gezek meýdança çykyp, bu ugurda Garet Barriniň taryhy rekordyny täzeledi.**





# Myhmanlar ýeňiş bilen dolandylar

**UEFA Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Oýunlaryň aglabasynda myhmançylykdaky toparlar ýeňiş bilen dolandylar.**

Ýewropa Ligasynda «Ştutgart» myhmançylykda «Seltik» toparyny 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda nemes klubunyň gollaryny El-Hannus (15, 28), Lewelling (57), Tomas (90+3) geçirdi.



Tälimçilige Witor Ferreirany bellän «Nottingam Forest» topary myhmançylykda portugaliýaly hünärmeniň ozal türgenleşdiren toparlaryndan «Fenerbahçeni» 3–0 hasabynda utdy. Iňlis klubunyň gollaryny Murillo (21), Igor Žesus (43) hem-de Gibbs-Waýt (50) derweзä girizdi. «Bolonýa» myhmançylykda «Brann» toparyny, «Srwena Zwezda» topary-da «Lill» klubuny 1–0 hasaplar bilen ýeňmegi başardy.

Konferensiýa Ligasynda ýaryşyň esasy dalaşgärlerinden «Fiorentina» topary myhmançylykda Polşanyň «Ýagelloniýa Belostok» toparyny Ranieriniň, Mondragoranyň hem-de Pikkoliniň gollary esasynda 3-0 ýeňip, 1/8 finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi.

***Ýewropa Ligasy pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlarynyň netijeleri:*** Ludogores Razgrad — Ferenswaroş: 2–1, Panatinaikos — Wiktoriýa Plzen: 2–2, Dinamo Zagreb — Genk: 1–3, PAOK — Selta: 1–2, Seltik — Ştutgart: 1–4,Fenerbahçe — Nottingam Forest: 0–3, Brann — Bolonýa: 0–1, Lill — Srwena Zwezda: 0–1

***Konferensiýa Ligasy pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlarynyň netijeleri:*** KuPS — Leh Poznan: 0–2, Noa — AZ: 1–0, Zrýinski Mostar — Kristal Palas: 1–1, Ýagelloniýa Belostok — Fiorentina: 0–3, Şkendiýa — Samsunspor: 0–1, Drita — Selýe: 2–3, Sigma Olomous — Lozanna-Sport: 1–1, Omoniýa — Riýeka: 0–1



# Soňky gezek awgustda utulypdy

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» arany açmagyny dowam edýär. «Inter» 26-njy tapgyrda myhmançylykda «Leççe» toparyny soňky 15 minutda Mhitarýan (75) hem-de Akanžiniň (82) geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. 2-nji ýerdäki «Milan» topary öz meýdançasynda «Parmadan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. Soňky gezek awgust aýynda, 1-nji tapgyrda utulan «Milanyň» 24 oýunlyk ýeňlişsiz seriýasy tamamlandy. «Parma» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 80-nji minutda Troila geçirdi. Soňky çempion «Napoli» myhmançylykda «Atalantadan» öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňildi. Öz meýdançasynda «Komodan» 2–0 hasabynda asgyn gelen «Ýuwentus» çempionatda bassyr 2-nji, umumylykda 3-nji duşuşygynda utuldy. «Komonyň» gollaryny Woýwoda bilen Kakre öz atlaryna ýazdyrdylar. «Roma» bolsa öz meýdançasynda «Kremoneze» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi.

### PREMIER LEAGUE (27) — 21 gol

**Aston Willa—Lids: 1–1** (Abraham 88 — Stah 31), **Brentford—Braýton: 0–2** (Gomes 30, Welbek 45+1), **Çelsi—Börnli: 1–1** (Žoao Pedro 4 — Flemming 90+3), **West Ham—Bornmut: 0–0, Man. Siti—Nýukasl: 2–1** (O'Raýli 14, 27 — Holl 22), **Kristal Palas—Wulwerhempton: 1–0** (Gessan 90), **N. Forest—Liwerpul: 0–1** (MakAllister 90+7), **Sanderland—Fulham: 1–3** (Le Fe 76 p — Himenes 54, 61, Iwobi 85), **Tottenham—Arsenal: 1–4** (Kolo Muani 34 — Eze 32, 61, Gýokereş 47, 90+4), **Ewerton—Man. Ýunaýted: 0–1** (Şeşko 71)

### LA LIGA (25) — 33 gol

**Atletik—Elçe: 2–1** (Guruseta 64, 89 p — Andre Silwa 68 p), **R. Sosiedad—Owiedo: 3–3** (Oskarsson 64, 90, Çaleta-Sar 87 — Winias 50, 52, Beýi 90+2), **Betis—R. Wallekano: 1–1** (Bakambu 16 — Palason 42), **Osasuna—Real Madrid: 2–1** (Budimir 38 p, Raul de Aro 90 — Winisius 73), **Atletiko—Espanýol: 4–2** (Sörlot 21, 72, Simeone 49, Lukman 58 — Karreras 6, Ekspozito 80), **Hetafe—Sewilýa: 0–1** (Sou 64), **Barselona—Lewante: 3–0** (Bernal 4, De Ýong 32, Fermin Lopes 81), **Selta—Malýorka: 2–0** (Ýago Aspas 85 p, 90+6), **Wilýarreal—Walensiýa: 2–1** (Komesaniýa 31, Geýe 45+6 p — Ramazani 27 p), **Alawes—Žirona: 2–2** (Boýe 5, 89 — Wanat 31, Sygankow 73)

### SERIE A (26) — 19 gol

**Sassuolo—Werona: 3–0** (Pinamonti 40, Berardi 44, 62), **Ýuwentus—Komo: 0–2** (Woýwoda 11, Kakre 61), **Leççe—Inter: 0–2** (Mhitarýan 75, Akanži 82), **Kaliari—Lasio: 0–0, Jenoa—Torino: 3–0** (Norton-Kaffi 21, Ekuban 40, Messias 83), **Atalanta—Napoli: 2–1** (Paşaliç 61, Samaržiç 81 — Beukema 18), **Milan—Parma: 0–1** (Troila 80), **Roma—Kremoneze: 3–0** (Kristante 59, Ndika 77, Pisilli 86), **Fiorentina—Pisa: 1–0** (Moýza Ken 13), **Bolonýa—Udineze: 1–0** (Bernardeski 75 p)

### BUNDESLIGA (23) — 31 gol

**Maýns—Hamburg: 1–1** (Amiri 42 — Wieria 64), **Union Berlin—Baýer: 1–0 (Hedira 28), Köln—Hoffenhaým: 2–2** (Ahe 15, El Mala 63 — Kabak 45, Kramariç 60), **Wolfsburg—Augsburg: 2–3** (Gerhardt 41, Siogai 70 — Ribeýru 59, Gregoriç 87 p, Rejbesaý 90+3), **Bawariýa—Aýntraht: 3–2** (Pawlowiç 16, Keýn 20, 68 — Burkardt 77 p, Kalimuendo 86), **Leipsig—Borussiýa D: 2–2** (Baumgartner 20, 39 — Romulo 50 ö.d., Fabio Silwa 90+5), **Fraýburg—Borussiýa M: 2–1** (Ginter 38, Matanowiç 74 — Tabakowiç 85), **Sankt-Pauli—Werder: 2–1** (Wal 55, Fuzita 70 — Miloşewiç 62), **Haýdenhaým—Ştutgart: 3–3** (Dinkçi 20, Ibrahimowiç 34 p, Konteh 82 — Fürih 5, Mittelştadt 45 p, Undaw 88)

### LIGUE 1 (23) — 28 gol

**Brest—Marsel: 2–0** (Ažork 10, 29), **Lans—Monako: 2–3** (Eduar 3, Towen 56 — Balogan 62, Zakariýa 70, Fati 72), **Tuluza—Pariž: 1–1** (Winiolo 87 — Munetsi 39), **PSŽ—Mets: 3–0** (Due 3, Barkola 45+3, Ramuş 77), **Oser—Renn: 0–3** (Kamara 20, 45, Lepol 22), **Anže—Lill: 0–1** (Žiru 45+2 p), **Nant—Le Hawr: 2–0** (Zuaui 3 ö.d., Ganago 34 p), **Nissa—Loriýan: 3–3** (Luşe 12, 45+1, Budaş 59 — Paži 45+4, Dieng 67 p, Kadiu 90+5), **Strasbur—Lion: 3–1** (Godo 37, Moreýra 52, Paniçelli 83 p — Tolisso 59)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 28 | 18 | 7 | 3 | 56-21 | 61 |
| 2 | MAN. SITI | 27 | 17 | 5 | 5 | 56-25 | 56 |
| 3 | ASTON WILLA | 27 | 15 | 6 | 6 | 38-28 | 51 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 27 | 13 | 9 | 5 | 48-37 | 48 |
| 5 | ÇELSI | 27 | 12 | 9 | 6 | 48-31 | 45 |
| 6 | LIWERPUL | 27 | 13 | 6 | 8 | 42-35 | 45 |
| 7 | BRENTFORD | 27 | 12 | 4 | 11 | 40-37 | 40 |
| 8 | BORNMUT | 27 | 9 | 11 | 7 | 43-45 | 38 |
| 9 | EWERTON | 27 | 10 | 7 | 10 | 29-31 | 37 |
| 10 | FULHAM | 27 | 11 | 4 | 12 | 38-41 | 37 |
| 11 | NÝUKASL | 27 | 10 | 6 | 11 | 38-39 | 36 |
| 12 | SANDERLAND | 27 | 9 | 9 | 9 | 28-33 | 36 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 27 | 9 | 8 | 10 | 29-32 | 35 |
| 14 | BRAÝTON | 27 | 8 | 10 | 9 | 36-34 | 34 |
| 15 | LIDS | 27 | 7 | 10 | 10 | 37-46 | 31 |
| 16 | TOTTENHAM | 27 | 7 | 8 | 12 | 37-41 | 29 |
| 17 | N. FOREST | 27 | 7 | 6 | 14 | 25-39 | 27 |
| 18 | WEST HAM | 27 | 6 | 7 | 14 | 32-49 | 25 |
| 19 | BÖRNLI | 27 | 4 | 7 | 16 | 29-52 | 19 |
| 20 | W. HEMPTON | 28 | 1 | 7 | 20 | 18-51 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 22 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 17 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 13 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 11 |
| 5 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 10 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 25 | 20 | 1 | 4 | 67-25 | 61 |
| 2 | REAL MADRID | 25 | 19 | 3 | 3 | 54-21 | 60 |
| 3 | WILÝARREAL | 25 | 16 | 3 | 6 | 47-27 | 51 |
| 4 | ATLETIKO M | 25 | 14 | 6 | 5 | 42-23 | 48 |
| 5 | BETIS | 25 | 11 | 9 | 5 | 40-30 | 42 |
| 6 | SELTA | 25 | 9 | 10 | 6 | 34-27 | 37 |
| 7 | ESPANÝOL | 25 | 10 | 5 | 10 | 31-37 | 35 |
| 8 | ATLETIK B | 25 | 10 | 4 | 11 | 29-35 | 34 |
| 9 | OSASUNA | 25 | 9 | 6 | 10 | 30-29 | 33 |
| 10 | R. SOSIEDAD | 25 | 8 | 8 | 9 | 37-38 | 32 |
| 11 | ŽIRONA | 25 | 7 | 9 | 9 | 26-40 | 30 |
| 12 | SEWILÝA | 25 | 8 | 5 | 12 | 32-39 | 29 |
| 13 | HETAFE | 25 | 8 | 5 | 12 | 20-29 | 29 |
| 14 | ALAWES | 25 | 7 | 6 | 12 | 23-32 | 27 |
| 15 | R. WALLEKANO | 24 | 6 | 8 | 10 | 22-31 | 26 |
| 16 | WALENSIÝA | 25 | 6 | 8 | 11 | 26-39 | 26 |
| 17 | ELÇE | 25 | 5 | 10 | 10 | 32-37 | 25 |
| 18 | MALÝORKA | 25 | 6 | 6 | 13 | 29-41 | 24 |
| 19 | LEWANTE | 25 | 4 | 6 | 15 | 26-44 | 18 |
| 20 | OWIEDO | 24 | 3 | 8 | 13 | 16-39 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 16 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 12 |
| 5 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 10 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 26 | 21 | 1 | 4 | 62-21 | 64 |
| 2 | MILAN | 26 | 15 | 9 | 2 | 41-20 | 54 |
| 3 | NAPOLI | 26 | 15 | 5 | 6 | 39-27 | 50 |
| 4 | ROMA | 26 | 16 | 2 | 8 | 34-16 | 50 |
| 5 | ÝUWENTUS | 26 | 13 | 7 | 6 | 43-25 | 46 |
| 6 | KOMO | 26 | 12 | 9 | 5 | 41-19 | 45 |
| 7 | ATALANTA | 26 | 12 | 9 | 5 | 36-22 | 45 |
| 8 | BOLONÝA | 26 | 10 | 6 | 10 | 35-32 | 36 |
| 9 | SASSUOLO | 26 | 10 | 5 | 11 | 32-35 | 35 |
| 10 | LASIO | 26 | 8 | 10 | 8 | 26-25 | 34 |
| 11 | UDINEZE | 26 | 9 | 5 | 12 | 28-39 | 32 |
| 12 | PARMA | 26 | 8 | 8 | 10 | 19-31 | 32 |
| 13 | KALIARI | 26 | 7 | 8 | 11 | 28-35 | 29 |
| 14 | JENOA | 26 | 6 | 9 | 11 | 32-37 | 27 |
| 15 | TORINO | 26 | 7 | 6 | 13 | 25-47 | 27 |
| 16 | FIORENTINA | 26 | 5 | 9 | 12 | 30-39 | 24 |
| 17 | KREMONEZE | 26 | 5 | 9 | 12 | 21-36 | 24 |
| 18 | LEÇÇE | 26 | 6 | 6 | 14 | 17-33 | 24 |
| 19 | PISA | 26 | 1 | 12 | 13 | 20-43 | 15 |
| 20 | WERONA | 26 | 2 | 9 | 15 | 19-46 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Niko PAZ (Komo) | 9 |
| 3 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 8 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 8 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 23 | 19 | 3 | 1 | 85-21 | 60 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 23 | 15 | 7 | 1 | 49-22 | 52 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 23 | 14 | 4 | 5 | 49-30 | 46 |
| 4 | ŞTUTGART | 23 | 13 | 4 | 6 | 44-32 | 43 |
| 5 | LEIPSIG | 23 | 12 | 5 | 6 | 44-32 | 41 |
| 6 | BAÝER | 22 | 12 | 3 | 7 | 43-28 | 39 |
| 7 | FRAÝBURG | 23 | 9 | 6 | 8 | 34-37 | 33 |
| 8 | AÝNTRAHT | 23 | 8 | 7 | 8 | 46-49 | 31 |
| 9 | UNION BERLIN | 23 | 7 | 7 | 9 | 29-37 | 28 |
| 10 | AUGSBURG | 23 | 8 | 4 | 11 | 28-41 | 28 |
| 11 | HAMBURG | 22 | 6 | 8 | 8 | 25-32 | 26 |
| 12 | KÖLN | 23 | 6 | 6 | 11 | 33-39 | 24 |
| 13 | MAÝNS | 23 | 5 | 7 | 11 | 26-38 | 22 |
| 14 | BORUSSIÝA M | 23 | 5 | 7 | 11 | 26-39 | 22 |
| 15 | WOLFSBURG | 23 | 5 | 5 | 13 | 33-49 | 20 |
| 16 | SANKT-PAULI | 23 | 5 | 5 | 13 | 22-40 | 20 |
| 17 | WERDER | 23 | 4 | 7 | 12 | 23-44 | 19 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 23 | 3 | 5 | 15 | 22-51 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 28 |
| 2 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 13 |
| 3 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 13 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 11 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 23 | 17 | 3 | 3 | 52-19 | 54 |
| 2 | LANS | 23 | 17 | 1 | 5 | 44-20 | 52 |
| 3 | LION | 23 | 14 | 3 | 6 | 37-23 | 45 |
| 4 | MARSEL | 23 | 12 | 4 | 7 | 48-31 | 40 |
| 5 | LILL | 23 | 11 | 4 | 8 | 36-31 | 37 |
| 6 | RENN | 23 | 10 | 7 | 6 | 37-35 | 37 |
| 7 | STRASBUR | 23 | 10 | 4 | 9 | 39-30 | 34 |
| 8 | MONAKO | 23 | 10 | 4 | 9 | 38-36 | 34 |
| 9 | LORIÝAN | 23 | 8 | 8 | 7 | 32-36 | 32 |
| 10 | TULUZA | 23 | 8 | 7 | 8 | 33-27 | 31 |
| 11 | BREST | 23 | 8 | 6 | 9 | 31-34 | 30 |
| 12 | ANŽE | 23 | 8 | 5 | 10 | 22-28 | 29 |
| 13 | LE HAWR | 23 | 6 | 8 | 9 | 20-29 | 26 |
| 14 | NISSA | 23 | 6 | 6 | 11 | 30-43 | 24 |
| 15 | PARIŽ | 23 | 5 | 8 | 10 | 27-40 | 23 |
| 16 | OSER | 23 | 4 | 5 | 14 | 17-33 | 17 |
| 17 | NANT | 23 | 4 | 5 | 14 | 22-40 | 17 |
| 18 | METS | 23 | 3 | 4 | 16 | 22-52 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 14 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 13 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 12 |
| 4 | Wesli SAID (Lans) | 10 |
| 5 | Pawel ŞULS (Lion) | 8 |

# «Barselona» bilen PSŽ ýene-de liderlige gaýdyp geldi





**Ispaniýanyň çempionatynda** «Real Madridiň» liderligi 1 hepde dowam edip, ýene-de «Barselona» öňki ornuna gaýdyp geldi. Katalonlaryň öňki tapgyrda utulmagyndan soň birinjilige beýgelen «Real Madrid» 25-nji tapgyrda myhmançylykda «Osasunadan» 2–1 hasabynda ýeňildi. Ýer eýeleri Ante Budimiriň 38-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen öňe geçse-de, 73-nji minutda Winisius Junior hasaby deňledi. Emma 90-njy minutda paýtagtlylara Raul de Aronyň goluny saklamak başartmady. «Barselona» bolsa öz meýdançasynda «Lewanteni» ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan katalonlaryň gollaryny Bernal, De Ýong hem-de Fermin Lopes derweзä girizdi. 3-nji orunda barýan «Wilýarreal» topary «Walensiýany» Komesaniýa hem-de Geýeniň 1-nji ýarymda geçiren gollary esasynda 2–1 hasap bilen utdy. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Espanýoly» Sörlotyň (2), Simeoneniň hem-de Lukmanyň gollary bilen 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ ýene-de liderlige gaýdyp geldi. Öz meýdançasynda «Mets» toparyny Due, Barkola hem-de Ramuşyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňen PSŽ topary 1 hepdelik arakesmeden soň, 1-nji orna beýgeldi. «Lans» öz meýdançasynda «Monakodan» 2–0 hasabynda öňde barýarka, 10 minutda 3 gol geçirdip, ýeňlişe sezewar boldy (Eduar 3, Towen 56 — Balogan 62, Zakariýa 70, Fati 72). Roberto de Zerbiniň ornuna Habib Beýeni tälimçilige bellän «Marsel» topary myhmançylykda «Brestden» 2–0 hasabynda asgyn geldi. «Strasburdan» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Lion» çempionatda 7 ýeňişden soň ýeňlişe sezewar boldy.



### Her oýunda 2 gol geçirýär

Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýany» hem-de onuň ýyldyzy Harri Keýni durzup bolanok. Öz meýdançasynda «Aýntrahty» 3–2 hasabynda ýeňen münhenlileriň gollarynyň 2-sini angliýaly hüjümçi geçirip, onuň çempionatyň çäginde şu möwsümde salan gollarynyň sany 28-e ýetdi. Keýn bassyr 4 oýundan bäri tapawutlanyp gelýär. Soňky 3 duşuşygyň hersinde 2 gol geçien angliýaly oýunçy «Bundesligada» duşuşan toparlarynyň ählisiniň hem derwezesinden gol salmagy başardy. Myhmançylykda «Leipsig» bilen duşuşan «Borussiýa Dortmund» garşydaşynyň Baumgartneriň gollary esasynda öňe geçendigine garamazdan, 90-njy minutdan soň hasaby deňläp, meýdançany 1 utuk bilen terk etdi.




**27-nji fewral (anna)**

| |
|---|
| Zenit – Baltik (21:30) |
| Al-Şabab – Al-Hilal (00:00) |
| Strasbur – Lans (00:45) |
| Wulwerhempton – A. Willa (01:00) |

**28-nji fewral (şenbe)**

| |
|---|
| Baýer – Maýns (19:30) |
| **Liwerpul – West Ham (20:00)** |
| Nýukasl – Ewerton (20:00) |
| **Barselona – Wilýarreal (20:15)** |
| Werona – Napoli (22:00) |
| Galatasaraý – Alanýaspor (22:00) |
| Lids – Man. Siti (22:30) |
| **Borussiýa D – Bawariýa (22:30)** |
| Al-Faýha – Al-Nassr (00:00) |
| Inter – Jenoa (00:45) |
| Owiedo – Atletiko (01:00) |
| Le Hawr – PSŽ (01:05) |

**1-nji mart (ýekşenbe)**

| |
|---|
| Kremoneze – Milan (16:30) |
| Krasnodar – Rostow (16:30) |
| **Reýnjers – Seltik (17:00)** |
| **Twente – Feýenoord (18:30)** |
| **M. Ýunaýted – K.Palas (19:00)** |
| **Fulham – Tottenham (19:00)** |
| **Arsenal – Çelsi (21:30)** |
| Fenerbahçe – Antalýaspor (22:00) |
| **Betis – Sewilýa (22:30)** |
| **Roma – Ýuwentus (00:45)** |
| **Marsel – Lion (00:45)** |
| **Real Madrid – Hetafe (01:00)** |

**3-nji mart (sişenbe)**

| |
|---|
| **Wulwerhempton – Liwerpul (01:15)** |

**4-nji mart (çarşenbe)**

| |
|---|
| **Braýton – Arsenal (00:30)** |
| **Man. Siti – N. Forest (00:30)** |
| **A. Willa – Çelsi (00:30)** |
| **Nýukasl – M. Ýunaýted (01:15)** |

**5-nji mart (penşenbe)**

| |
|---|
| **Tottenham – K. Palas (01:00)** |

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TARYHY ÜSTÜNLIKLERE BESLENEN OLIMPIÝA OÝUNLARY TAMAMLANDY



Halkara sport çäresi bolan Milan-Kortina 2026 gyşky Olimpiýa oýunlary tolgundyryjy, haýran galdyryjy ýapylyş dabarasy bilen tamamlandy. Umumylykda, 19 günläp dowam eden Olimpiýa oýunlary taryhy wakalara baý boldy. Jemi 30 ýurduň wekili azyndan 1 medal görnüşini gazanyp, şolaryň 19-sy azyndan 1 altyn medal aldy.

Gyşky Olimpiýa oýunlary 2030-njy ýylda Fransuz Alplarynda (Fransiýa) geçiriler.

### Norwegiýa bassyr 4-nji gezek 1-nji ýeri eýeledi

● Medal sanawynda Norwegiýa iň öňdäki orny eýeläp, bu ýurduň türgenleri 18 altyn, 12 kümüş, 11 bürünç, jemi 41 medal gazandylar. Norwegiýa bir gyşky Olimpiadada iň köp altyn medal, şol sanda iň köp medal toplan ýurt rekordyny täzeledi. Ozalky rekordlar hem Norwegiýa degişli bolup, olar 4 ýyl öň Pekinde 16 altyn, umumylykda-da 39 medal gazanypdylar. Norwegiýa bassyr 4-nji gezek gyşky Olimpiýa oýunlaryny 1-nji orunda tamamlamagy başardy.

### Ýer eýeleriniň taryhy üstünligi

● Ýer eýeleri Italiýa taryhyndaky iň şowly gyşky Olimpiadany geçirip, 10 altyn, 6 kümüş, 14 bürünç, jemi 30 medal bilen Norwegiýadyr ABŞ-dan hem-de Niderlandlardan soň 4-nji orny eýelediler. Gazanylan 10 altyn, 14 bürünç we umumylykdaky 30 medal italýanlar üçin gyşky Olimpiadalardaky iň ýokary statistik görkeziji hökmünde hasaba alyndy.




Braziliýa taryhyndaky ilkinji gyşky Olimpiýa medalyny almak bilen çäklenmän, bu medal tutuş Günorta Amerikasy üçin ilkinji üstünlik boldy. Gruziýa hem gyşky Olimpiadadaky ilkinji medalyny gazandy.

### Ýeke özi 6 altyn medal gazandy

● Milan-Kortina 2026-nyň iň uly gahrymany, oýunlaryň ýyldyzy, gürrüňsiz norwegiýaly lyžaçy Ýohannes Hosflot Klaebo boldy. Ýohannes Hosflot Klaebo lyžaly ýaryşyň 50 kilometr nusgawy görnüşinde-de 1-nji ýeri eýelemegi başardy. Bu ugurda 2-3-nji orunlar hem norwegiýaly lyžaçylaryňky boldy. Ýohannes Hosflot Klaebo lyžaly ýaryş sportunda erkekleriň arasyndaky 6 bäsleşigiň ählisinde-de, ýagny mümkin bolan 6 altyn medaly hem boýnuna dakmagy başardy. Ol bir gyşky Olimpiadada iň köp altyn medal alan türgen bolmak bilen bir hatarda, amerikaly ýüzüji Maýkl Felpsden (23 altyn medal) soň ähli Olimpiýa oýunlarynyň taryhyndaky iň köp altyn medally 2-nji türgen boldy. Klaebonyň altyn medallarynyň sany 11-e ýetip, onuň kümüşdir bürünç, jemi 13 medaly bar.



### 46 ýyldan soň 3-nji altyn medal

● Olimpiýa oýunlarynyň esasy sport görnüşleriniň biri bolan hokkeý boýunça hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda ABŞ-nyň ýygyndysy çempionlyk gazandy. Amerikanlar şeýle goşa ýeňşi ilkinji gezek başdan geçirýärler.



Erkekleriň arasyndaky finalda ABŞ-nyň ýygyndysy Kanadanyň ýygyndysyny owertaýmda 2:1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda amerikanlara altyn medal gazandyran şaýbalary Konnor Hellebuýk (06:00) bilen Jäk Hýuz (61:41) geçirdi. Kanadanyň ýeke-täk goluny Keýl Makar (38:16) öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, hokkeý boýunça ABŞ-nyň Olimpiýa ýygyndysy 46 ýyldan soň 3-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. Amerikaly hokkeýçiler mundan öň 1960-njy we 1980-nji ýyllarda Olimpiadanyň çempionlygyny gazanypdylar.

Erkekleriň arasynda bürünç medala Pekin 2022-niň çempiony Finlýandiýanyň topary mynasyp bolup, olar bu ugurda Slowakiýany 6:1 hasabynda ýeňmegiň hötdesinden geldi.

Erkekleriň arasynda Kanadanyň 9, ozalky SSSR-iň 7 çempionlygy bar.

### Goşa çempionlyk

● Zenanlaryň arasynda-da ABŞ-nyň ýygyndysy finalda kanadalylar bilen duşuşdy. Bu duşuşygyň hem ýeňijisi owertaýmda belli bolup, amerikanlar 2:1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda kanadaly zenanlar O'Neilliň şaýbasy bilen öňe geçse-de, oýnuň ahyrlarynda amerikanlar Naýtyň takyk urgusy esasynda hasaby deňledi. Duşuşygyň 64-nji minutynda-da Keller ABŞ-nyň ýygyndysyna ýeňiş getiren şaýbany öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, ABŞ-nyň zenanlar ýygyndysy 1998-nji we 2018-nji ýyllardan soň 3-nji gezek Olimpiadanyň çempiony bolmagy başardy.

Zenanlaryň arasynda Şwesiýadan 2:1 hasabynda üstün çykan Şweýsariýa bürünç medaly eýeledi.



Olar Pekin 2022-de 4-nji orna mynasyp bolupdylar. Zenanlaryň arasyndaky ýaryş Olimpiýa oýunlarynda 1998-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýär we Kanadanyň ýygyndysynyň 5, ABŞ-nyň 3 çempionlygy bar.

### Täze ýaryşyň ilkinji ýeňijileri

● Gyşky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda ilkinji gezek orun alýan ski-alpinizm ýaryşlarynda erkekleriň arasyndaky sprint bäsleşiginde ispaniýaly Oriol Kardona altyn, Bitarap Özbaşdak Türgenler toparynyň adyndan wekilçilik eden russiýaly Nikita Filippow kümüş, fransiýaly Tibo Anselmet bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda şweýsariýaly Marianne Fatton altyn, fransiýaly Emili Harrop kümüş, ispaniýaly Ana Alonso bürünç medala eýelik etdi. Garyşyk toparlaýyn ýaryşda fransiýaly Anselmet bilen Harrop altyn, şweýsariýaly Jon Kistler bilen Marianne Fatton kümüş, ispaniýaly Kardona bilen Alonso bürünç medal gazandy.

● Figuralaýyn typmak boýunça zenanlaryň arasyndaky bäsleşikde amerikaly Alysa Liu altyn medala mynasyp boldy. Mundan öňki 3 Olimpiadada russiýaly zenanlar çempionlyk gazanyp gelýärdi. 2-3-nji orunlary, hatda 4-nji ýeri-de ýaponiýaly figuralaýyn typyjylar eýeläp, Kaori Sakamoto kümüş, Ami Nakai bürünç medal gazandy.



### Iň köp medally fristaýlçy

● Fristaýlyň halfpaýp görnüşi boýunça zenanlaryň arasynda ýene-de hytaýly Eýlin Gu altyn medala mynasyp boldy. Ol 4 ýyl öň Pekinde-de ýeňiş gazanypdy. Bu onuň Milan-Kortinadaky 3-nji medaly bolup, ol bigeýr hem-de slopstaýly görnüşlerinde münberiň 2-nji basgançagyna çykypdy. 22 ýaşyndaky türgeniň Pekin 2022-den hem 2 altyn, 1 kümüş, jemi 3 medaly bardy. Şunlukda, onuň medallarynyň sany 6-a ýetip, ol iň köp Olimpiýa medally fristaýlçy bolmagy başardy.



Fristaýl ýaryşlarynda medallar deň agramly derejede paýlaşyldy. Ýagny ABŞ bilen Hytaý 3, Kanada, Awstraliýa, Norwegiýa 2, Şweýsariýadyr Italiýa hem-de Germaniýa 1 altyn medal almagy başardy.

● Şort-trek boýunça erkekleriň arasyndaky toparlaýyn 5000 metr bäsleşiginde Niderlandlaryň ýygyndysy altyn medala mynasyp boldy. Bu olaryň şu görnüşdäki ilkinji altyn medaly bolup, toparyň ýyldyzy Ýens wan't Waut Milan-Kortinadaky 3-si altyn, 4-nji medalyny gazandy. Ol mümkin bolan 4 altyn medalyň diňe birini gazanyp bilmedi (bürünç medal).

Zenanlaryň arasyndaky 1500 metr ýaryşynda koreýaly Kim Gil-li ýeňiji bolup, ol watandaşy Çoi Min-jeon hem-de Korinne Stoddarddan öňe saýlandy. Koreýa Respublikasynyň şort-trekçileri bassyr 3-nji, 2002-nji ýyldan bäri maksatnamada bolan bu görnüşde 5-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. 2010–14-nji ýyllarda hytaýly Çžou Ýan altyn medal gazanypdy.

Umumylykda, şort-trek boýunça Milan-Kortinada 9 altyn medalyň 5-sini niderlandlar, 2-sini koreýler eýeläp, kanadalylar hem-de italýanlar 1 altyn medal aldylar.

● Buz üstüniň küşti hasaplanýan körling boýunda erkekleriň arasynda Kanadanyň ýygyndysy ýeňiji bolup, olar finalda Pekin 2022-de hem çempionlygy elden gideren Beýik Britaniýany 9:6 hasabynda utmagy başardy. Bu olaryň 2006-10-14-nji ýyllardan soň 4-nji altyn medaly boldy. Bürünç medala Şweýsariýa mynasyp bolup, olar bu ugurda geçirilen oýunda Norwegiýany 9:1 hasabynda ýeňdi.

Zenanlaryň arasynda Şwesiýanyň ýygyndysy 2006–10–18-nji ýyllardan soň 4-nji altyn medalyny gazandy. Olar çekeleşikli geçen finalda Şweýsariýany 6:5 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bürünç medal duşuşygynda Kanadanyň ýygyndysy ABŞ-nyň toparyny 10:7 hasabynda utdy.

Mälim bolşy ýaly, garyşyk jübütleýin ýaryşda Şwesiýa altyn, ABŞ kümüş, Italiýa bürünç medal gazanypdy.

### MILAN-KORTINA 2026-nyň MEDAL SANAWY

| | ÝURTLAR | ALTYN | KÜMÜŞ | BÜRÜNÇ | JEMI |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 18 | 12 | 11 | 41 |
| 2 | ABŞ | 12 | 12 | 9 | 33 |
| 3 | NIDERLANDLAR | 10 | 7 | 3 | 20 |
| 4 | ITALIÝA | 10 | 6 | 14 | 30 |
| 5 | GERMANIÝA | 8 | 10 | 8 | 26 |
| 6 | FRANSIÝA | 8 | 9 | 6 | 23 |
| 7 | ŞWESIÝA | 8 | 6 | 4 | 18 |
| 8 | ŞWEÝSARIÝA | 6 | 9 | 8 | 23 |
| 9 | AWSTRIÝA | 5 | 8 | 5 | 18 |
| 10 | ÝAPONIÝA | 5 | 7 | 12 | 24 |
| 11 | KANADA | 5 | 7 | 9 | 21 |
| 12 | HYTAÝ | 5 | 4 | 6 | 15 |
| 13 | KOREÝA RESPUBLIKASY | 3 | 4 | 3 | 10 |
| 14 | AWSTRALIÝA | 3 | 2 | 1 | 6 |
| 15 | BEÝIK BRITANIÝA | 3 | 1 | 1 | 5 |
| 16 | ÇEHIÝA | 2 | 2 | 1 | 5 |
| 17 | SLOWENIÝA | 2 | 1 | 1 | 4 |
| 18 | ISPANIÝA | 1 | 0 | 2 | 3 |
| 19 | BRAZILIÝA | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 20 | GAZAGYSTAN | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 21 | POLŞA | 0 | 3 | 1 | 4 |
| 22 | TÄZE ZELANDIÝA | 0 | 2 | 1 | 3 |
| 23 | FINLÝANDIÝA | 0 | 1 | 5 | 6 |
| 24 | LATWIÝA | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 25 | DANIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 26 | ESTONIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 27 | GRUZIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 28 | BITARAP ÖZBAŞDAK TÜRGENLER | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 29 | BOLGARIÝA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 30 | BELGIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |
| | JEMI (30 ÝURT) | 116 | 118 | 115 | 349 |

## SUNGAT

**Kino sungatynyň iň uly sylagy hasaplanýan Oskar baýraklarynyň nobatdaky gowşuryluş dabarasy 15-nji martdan 16-njy marta geçilýän gije bolar. Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda geçiriljek 98-nji Oskar baýraklarynyň dabarasyny meşhur komediýaçy Konan O'Braýan alyp barar.**

# Ýylyň filmi Oskara sary barýar

Kino sungatynyň abraýly sylaglaryndan BAFTA baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. 79-njy gezek geçirilen BAFTA baýraklarynda iň gowy film diýlip «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) kinosy saýlandy. 14 ugurdan dalaşgär görkezilen







ekran eseri 6 baýrak gazandy. Iň gowy film baýragy bilen bir hatarda, kinony surata düşüren Pol Tomas Anderson iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Pol Tomas Anderson iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy bilenem sylaglanyp, filmiň artistlerinden Şon Penn ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragyna mynasyp boldy. Şeýle-de film iň gowy operator we iň gowy montaž baýraklaryny-da eýeledi.

Iň gowy aktýor baýragy ne Timoti Şalame, ne-de Leonardo DiKaprio berildi. Garaşylmadyk ýagdaýda «Men käýinýärin» (I Swear) filminiň ýaş artisti Robert Aramaýo iň gowy aktýor baýragyna laýyk görüldi. Ol ösüp barýan ýyldyz baýragynyň hem eýesi boldy. Film iň gowy kasting baýragyna-da mynasyp görüldi.

Iň gowy aktrisa ugry boýunça «Hamnet» filmindäki keşbi üçin Jessi Bakli BAFTA-nyň ýeňijisi diýlip yglan edildi. Ikinji plandaky iň gowy aktrisa diýlip, «Günäkärler» (Sinners) filminde janlandyran keşbi üçin Wunmi Mosaku saýlandy. «Günäkärler» filmi iň gowy asyl ssenariý baýragy (Raýan Kugler) bilen bir hatarda, iň gowy saz baýragyna (Ludwig Goransson) hem laýyk görüldi.

Dabarada 3 baýrak gazanan başga bir kino hem «Frankenşteýn» bolup, meksikaly režissýor Gillermo Del Toronyň ekranlaşdyran filmi iň gowy grim, iň gowy makiýaž we saz bezegi hem-de iň gowy çeperçilik bezegi ugurlary boýunça BAFTA heýkeljiklerini eýeledi.

Iň gowy animasiýa ugry boýunça «Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2) multfilmi BAFTA-nyň 79-njy baýrak gowşurylyş dabarasynyň ýeňijisi boldy.

Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film diýlip, norwegiýaly režissýor Ýoahim Trieriň «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) kinosy saýlandy.

«F1» (F1) filmi iň gowy ses, «Awatar: alaw we kül» (Avatar: Fire and Ash) kinosy-da iň gowy wizual effektler ugurlary boýunça ýeňiji boldular.

## 79-njy BAFTA baýraklarynyň ýeňijileri:

**Iň gowy film:** «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy režissýor:** Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy aktýor:** Robert Aramaýo – «Men käýinýärin» (I Swear)
**Iň gowy aktrisa:** Jessi Bakli – «Hamnet» (Hamnet)
**Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Şon Penn – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Wunmi Mosaku – «Günäkärler» (Sinners)
**Iň gowy asyl ssenariý:** Raýan Kugler – «Günäkärler» (Sinners)
**Iň gowy adaptirlenen ssenariý:** Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy animasiýa:** «Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2)
**Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) – Ýoahim Trier
**Iň gowy kasting:** «Men käýinýärin» (I Swear)
**Iň gowy operator:** «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy montaž:** «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy saz:** Ludwig Goransson – «Günäkärler» (Sinners)
**Iň gowy grim:** «Frankenşteýn» (Frankenstein)
**Iň gowy makiýaž we saç bezegi:** «Frankenşteýn» (Frankenstein)
**Iň gowy çeperçilik bezegi:** «Frankenşteýn» (Frankenstein)
**Iň gowy ses:** «F1» (F1)
**Iň gowy wizual effektler:** «Awatar: alaw we kül» (Avatar: Fire and Ash)
**Iň gowy britan filmi:** «Hamnet» (Hamnet)
**Ösüp barýan ýyldyz baýragy:** Robert Aramaýo

# BERLINDE BAŞ BAÝRAKLAR TÜRK FILMLERINE GOWŞURYLDY

Dünýäniň öňdebaryjy kinofestiwallarynyň biri bolan «Berlinale 2026» tamamlandy. Germaniýanyň paýtagty Berlinde 76-njy gezek geçirilen festiwalda asly türkiýeli režissýorlaryň filmleri öňe saýlandy. Meşhur režissýor Wim Wendersiň ýolbaşçylyk eden eminler topary festiwalyň baş baýragyna – «Altyn aýy» baýragyna Ilker Çatagyň «Sary hatlar» (Gelbe Briefe) filmini mynasyp gördi. Asly türk germaniýaly režissýoryň filmi 3 ýurduň (Germaniýa, Türkiýe, Fransiýa) önümi bolup, iki artistiň durmuşy barada gürrüň berýän ekran eserinde Özgü Namal bilen Tansu Biçer baş keşpleri ýerine ýetirýär. Ilker Çatagyň mundan öňki ekran eseri, Oskara-da dalaşgär görkezilen «Mugallymlar otagy» (Das Lehrerzimmer) filmi režissýora uly şöhrat getiripdi.

Festiwalyň 2-nji uly sylagy bolan «Kümüş aýy» – «Gran Pri» baýragy türkiýeli režissýor Emin Alperiň «Halas boluş» (Kurtuluş) filmine berildi. «Kümüş aýy» – eminleriň ýörite baýragyna-da «Deňizdäki Şa zenany» (Queen at Sea) filmi üçin amerikaly režissýor Lans Hammer laýyk görüldi.

Britaniýaly Grant Gi «Hemmeler Bill Ewansy gowy görýär» (Everybody Digs Bill Evans) filmi üçin festiwalyň «Kümüş aýy» – iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy.

Germaniýaly meşhur aktrisa Sandra Hüller «Roza» (Rose) filmindäki keşbi üçin «Kümüş aýy» – iň gowy baş keşp baýragyna mynasyp boldy. Ol mundan 20 ýyl ozal hem «Rekwiem» (Requiem) filmindäki keşbi üçin Berlin film festiwalynda iň gowy aktrisa baýragyny gazanypdy.







«Deňizdäki Şa zenany» filminde surata düşen artistler – Anna Kalder-Marşall bilen Tom Kortni «Kümüş aýy» – iň gowy kömekçi keşp baýragyny paýlaşdylar.

«Kümüş aýy» – iň gowy ssenariý baýragy «Nina Roza» (Nina Roza) filminiň edebi esasyny ýazan we şol bir wagtyň özünde režissýorlyk hem eden Ženewiew Dýulýud-Desele berildi.

«Yo. Söýgi – bu gozgalaňçy guş» (Yo (Love Is a Rebellious Bird) atly dokumental filmini surata düşüren Ann Fitç bilen Benker Waýt «Kümüş aýy» – iň gowy kino sungatyna goşant baýragyna laýyk görüldi.

Oskarly meşhur aktrisa Mişell Ýeo festiwalyň dowamynda «Altyn aýy» hormat baýragy bilen sylaglandy.

## 76-njy Berlin film festiwalynyň ýeňijileri:

**«Altyn aýy» – iň gowy film baýragy:** «Sary hatlar» (Gelbe Briefe) – Ilker Çatak
**«Kümüş aýy» – «Gran Pri» baýragy:** «Halas boluş» (Kurtuluş) – Emin Alper
**«Kümüş aýy» – eminleriň ýörite baýragy:** «Deňizdäki Şa zenany» (Queen at Sea) – Lans Hammer
**«Kümüş aýy» – iň gowy režissýor baýragy:** «Hemmeler Bill Ewansy gowy görýär» (Everybody Digs Bill Evans) – Grant Gi
**«Kümüş aýy» – iň gowy baş keşp baýragy:** Sandra Hüller – «Roza» (Rose)
**«Kümüş aýy» – iň gowy kömekçi keşp baýragy:** Anna Kalder-Marşall bilen Tom Kortni – «Deňizdäki Şa zenany» (Queen at Sea)
**«Kümüş aýy» – iň gowy ssenariý baýragy:** «Nina Roza» (Nina Roza) – Ženewiew Dýulýud-Desele
**«Kümüş aýy» – iň gowy kino sungatyna goşant baýragy:** «Yo. Söýgi – bu gozgalaňçy guş» (Yo (Love Is a Rebellious Bird) – Ann Fitç bilen Benker Waýt
**«Altyn aýy» hormat baýragy:** Mişell Ýeo

# ÝYLYŇ IŇ GOWY ANIMASIÝASY

**Ýylyň iň gowy animasiýalaryny sylaglaýan «Annie» baýraklary gowşuryldy. Los Anjelesde geçirilen 53-nji «Annie» baýraklarynyň gowşurylyş dabarasynda «Netflix»-iň önümi bolan «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters) atly multfilm iň gowy animasiýa diýlip saýlandy. Ol 10 ugurdan dalaşgär görkezilen «Elio» (Elio), şol sanda «Garagol oglanlar 2» (The Bad Guys 2), «Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2), «Kiçi Ameli ýa-da ýagşyň häsiýeti» (Little Amélie or the Character of Rain) ýaly animasiýalary yzda galdyrdy.**

**Bu animasiýa 10 ugurdan dalaşgär görkezilipdi we şolaryň ýekejesinde-de baýragy beýleki animasiýalara aldyrmady. Başgaça aýdylanda, dalaşgär görkezilen ähli ugurlarynda-da ýeňiş gazanan animasiýa 10 ugurda «Annie» baýraklarynda ýeňiş gazandy. Oskaryň hem esasy dalaşgäri hasaplanýan animasiýany surata düşüren – Meggi Kan bilen Kris Appelhans iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Şeýle-de, iň gowy wizual effektler, iň gowy animasiýa gahrymany, iň gowy animasiýa bezegi, iň gowy montaž, iň gowy saz, iň gowy çeperçilik bezegi, iň gowy ssenariý hem-de iň gowy ses berlen gahryman ugurlary boýunça «Annie» baýraklarynyň heýkeljiklerini gazandy.**

**Fransiýanyň önümi bolan «Arko» (Arco) iň gowy garaşsyz animasiýa diýlen ugurda baýragyň eýesi boldy. «Gar aýy» (Snow Bear) atly ekran eseri-de iň gowy gysga göwrümli animasiýa diýlip saýlandy.**

